**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň**
**Taryh fakultetiniñ arheologiýa we etnologiýa kafederasy.**

**T.y.k., uly mug.: Serdar Ataýew**
**Uly mugallym: Ýazgül Jumaýewa**

# IŇ GADYMY TARYH

**Okuw gollanmasy**

**Ýörite orta we ýokary okuw mekdepleri üçin.**

**Aşgabat – 2010 ý.**

**S. Ataýew. Ý. Jumaýewa. Iň gadymy taryh.** Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty **B. Diwangulyýewanyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**©Serdar Ataýew, Ýazgül Jumaýewa**

**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow döwlet başyna geçen ilkinji günden başlap ylym, bilim, medeniýet we sungat ulgamyny kämilleşdirmäge uly üns berdi. Şonuñ bilen baglanşykly gadymy ilkidurmuş jemgyýetiñ taryhyny öwrenmeklige uly itergi berdi. Oña-da adamyň biologik tebigatyndaky özgertmeleri, hojalygyñ döreýşi, maddy medeniýet, nika gatnaşyklar, maşgalanyň döreýşi, jemgyýet guramalar, adamyň emele gelmegi we onuñ döreden jemgyýeti we synply jemgyýetine barşy barada maglumat berlen. Ilkidurmuş jemgyýetiniñ taryhy tapgyrlaryň ewolýusiýasyny görkezýär. Okuw gollanmada Amerikan alymy L.G.Morganyñ "Gadymy jemgyýet" atly işiniň möhümliligini tanatmakda F. Engelsyñ "Zähmetiň üsti bilen maýmyndan adamyň döreýşi", "Maşgalanyň, hususy eýeçiligiň we döwletiň gelip çykyşy" atly eserleriň üsti bilen ylmy dolanşyga girizildi. Işde çarwaçylyk, çomurçulyk, hojalyklaryň döräն şertleri barada, Daş asyrdan başlap tä demir asyra çenli zähmet gurallaryň kämilleşmegini getirýär. Işiñ ahyrynda goşmaça maglumatlar atly ilkidurmuş jemgyýetine degişli sözleriň düşündirişi getirýär.

Netijede awtorlaryñ taýýarlan okuw gollanmasy ýokary okuw jaýlarynda okaýan talyplara we mugallymlara uly gollanma bolar diýip umyt edýäris.

## Ilki durmuş jemgyýetiñ taryhy.

Adamzadyñ taryhy birnäçe jemgyýetçilik-ykdysady Formasiýalara bölünýär. Olardan ilkinjisi ilkidurmuş gurluşygydyr. Biziñ maksadymyz onuñ döreýşinden başlap tä synmagyna çenli öwrenmegi maksat edindik.

Şol hatarda ondaky jemgyýetçilik eýeçiligi, olaryñ zähmet gurallary, jemgyýetiñ agzalaryñ bolan deñligi, zähmete bolan gatnaşygy öwrenmek. Ilkidurmuş jemgyýetçilik ykdysady formasyýasy döwri boýunça iñ uzyny hasaplanýar. Adamyñ emele gelmeginden tä döwlet döreýşine çenli uzalyp gidýär. Onuñ ewolýusiýasy dürli halklarda deň derejede geçmändir, ýöne bir zady bellemek bolar, ilkidurmuş jemgyýeti adamyñ döreýşiniñ ilkinji tapgyry hasaplanýar. Bu taryhy maglumat esasanam etnografiýa ylmy nazaryýetde görmek bolýar. Onda adamyñ gelip çykyşy (etnogenezi), ýaýrawy we dünýä halklaryñ medeni taryhy gatnaşyklary, olaryñ maddy we ruhy medeniýeti, hojalygyñ aýratynlygyny syn berse bolar.

Arheologiýa ylymynda tapylan ýadygärlikleriñ üsti bilen adamyñ jemgyýetiň geçişi, olaryň zähmet gurallary, ilkinji öýleri, obalary, jaýlanyş usullary öwrenilýär.

Paleoantropologiýa ylmynyň üsti bilen bolsa gadymy adamlaryñ süñkleri öwrenilýär.

Ilkidurmuşyñ taryhy ilkinji bolup taryh ylymynda öwrenilýändigi mälimdir. Ilkidurmuş gurluşygynda öndüriji güýçler pes derejede. Köp asyrdan bäri ýönekeý zähmet gurallar daşdan ýasalardy. Adam ýekelikde Tebigy güýjüñ garşysyna göreşip bilmezdi. Netijede, ilkidurmuşyñ adamlary süri görnüşinde birleşerdiler, bilelikde zähmet çekerdiler, serişdelere jemgyýet eýeçiligi bilen seredérdiler. Ilkidurmuş jemgyýeti, hususy eýeçiligi saklap, höküm

sürýänler döwleti bilmeýärdiler. Ýöne jemgyýet eýeçiligiñ içinde, öz eşigine ýaragyna bolan eýeçilik duýulýardy.

Ilkidurmuş jemgyýet gurluşy (IJG) taryhy ähmiýeti boýunça ulydy. Hususy eýeçiligiñ taryhy şertleri ynanjyň döreýşi, olaryñ ýöreşleri öwrenmek örän wajypdyr.

Adamyñ ösüşinde arheologiýa taýdan hem tapgyrlaýyn öwrenmek zerurdy. Gadymy Hytaý we Rim taryhçylar we filosoflar öwrenilýän döwri üç asyra bölerdiler. Daş, bürünç we demir asyrlardy. XIX asyryñ ahyrlarynda XX asyryñ başlarynda olara ylmy tarapdan syn beripdirler. Paleolitden daş asyryň gadymy döwri başlaýar.

Ol hem üç döwre bölýärler:

1. Irki = 1,5-1 mln ýyl ozal
2. Orta = ?
3. Giçki = 12 müñ ýyl ozal

Orta daş asyr (mezolit) -12-6 müñ ýyl mundan ozal geçiş döwri hasaplanýar.

Daş asyryñ tamamlanmagy (neolit) -8-5 müñ ýyl mundan ozal hasaplanýar.

Soñra eniolit mis bürünç asyr -3 müñden tä 1 müñ biziñ eýamyzdan öñ döwri hasaplanýar.

Demir asyr – 1 müñ biziñ eýamyzdan öñ döredilýär.

Daş asyryñ içgi bölünşigi materiklarda we onuñ sebitinde dürli-dürli bolupdyr. Netijede, tapawutlygyny arheologiýa hronologiýa bölünşiginde görmek bolar.

Grek we Rim akyldarlarynyň eserlerinde ilkidurmuş taryhy baradaky pikirler döremeginden başlaýar. Bu pikirler ilkinji jemgyýeti "wagşyçylyk" diýip atlandyrýarlar. Atomistikany döreden Demokrit häzirki zaman adamyň geçmişini ýyrtyjy haýwanlar hökmünde ýaşaýyş ugrunda bir-birleri bilen uruşyp ýörenleri göz öňüne getirýär. Şolar ýaly uruşlar olary haýwanat dünýäsinden saýlanyp çykarandygyny

aýtmak bolar. Rus biology we ewolýusionisti L.S. Berg Demokriti tebigatyň hadysalaryna ewolýusion garaýyşly adam diýip, ony biologiýanyň ilkinji ewolýusion alymy hasaplaýar.

Lukrensiýa Karyň (b.e. öň I asyr) "Zatlaryň tebigaty hakynda" diýen poemasynda hem ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhy hakynda aýdylýar. Ýagny adamlaryň gowaklarda ýaşaýyşlary, ot alyşlary, süri-süri bolup gezişleri, daşdan ýasalan ýaraglaryny ulanyşlary barada ýazylypdyr. Soňra daş gurallaryny mis, demir gurallar bilen çalşylşy hakynda hem ýazylypdyr. Lukrensiýa Kar gadymy adamlaryň ýaşaýyş ýerlerini, eşikleriň döreýişlerini, gepleşigiň gelip çykyşyny öz işlerinde beýan edipdir.

Orta asyrlarda geografiki taýdan dünýägaraýyş giňelmegini dowam edýär. Araplar eýýäm Demirgazyk Buzly okeanyň bardygyny bilýärler, Gündogar Ýewropa, Sibir, Hytaý halklary baradaky habar berýärler.

Arheologiýa bilimleriniň toplanmagy zähmet gurallaryny pudaklara bölmeklige mümkinçilik döredýär. Daniýaly arheology K. Tomsen 1836-njy ýylda Kopengageniň milli muzeýinde gadymy gurallaryň sergisini geçirýär we olara doly düşündiriş berýär. Ýasalan gurallar düzümine görä daş, mis, bürünç, demir bölekler bolupdyr. Ýöne olaryň ýyllary boýunça haçan ýasalandygy we ýönekeýlikden çylşyrymlylyga haçan geçip başlanlygy berilmeýär.

K. Tomseniň yzyny ýöredijileriň hatarynda daniýaly Çemberlen Worso we şwed Swen Nilson Tomseniň pudaklarynda arheologik barlaglar geçirmegiň gerekdigini tassyklaýarlar. Ç. Worso dürli ýerlerden tapylan bürünçden ýasalan zatlary biri-birleri bilen deňeşdirip, häzirki wagtda hem ullanylýan deňeşdirme hronologiýasynyň usulynyň esasyny tassyk edýär. S. Nilsonyň ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhyny arheologiki döwürlere bölüşi XVIII asyrdaky döwürlere bölünişinden az tapawutlanýan hem bolsa, dürli taryhy basgançaklardaky halklaryň medeniýetini arheologiki nazaryýet

bilen deňeşdirip, ilkinji bolup tanadypdyr. Ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhyny döwürleşdirmekde S. Nilsonyň etnografik hadysalary deňeşdirmek usuly häzirki zaman ylmynda hem ähmiýeti uludyr.

Etnografik gözlegleriň we takyk maglumatlaryň toplanmagy, olaryň bir ýere jemlenmegini talap edýärdi. Nemes alymy Gustaw Klemm adamzat taryhynyň ähliumumy medeniýetine bagyşlap, 1843-1852-nji ýý., Leýbsigde, 10 tomdan ybarat kitap çykarýar. Soňra onuň 1854-nji ýylda 2 tomdan ybarat kitaby çykýar. Ýöne Klemmiň bu kitaplary üýtgeşik nazaryýet döretmedi. Ol wagşyçylyk we siwilizasiýa sözlerini "boýun egdirmek we azatlyk" sözleri bilen çalşyrmagy teklip edýär. Klemmiň bu sözleri ullanylman galýar, ýöne alymlar XIX asyryň ahyryna çenli onuň kitaplaryny ylmy çeşme hökmünde ullanypdyrlar.

Öwrenilen nazaryýetleri jemlemek bilen bir hatarda ýer üstüniň geografik kartasy tassyklanypdyr. Günorta Amerikany Aleksandyr Gumboldt we fransuz Alsida d'Orbini, Demirgazyk Amerikany Genri Skularafta we Genri Morgan, Afrikany iňlis Dawid Liwingston, awstraliýaly Uilýam Bakli, Merkezi Aziýany N.M. Praževalskiý ýaly syýahat geçiripdirler.

Arheologik gazuw-agtaryş işleri geçirilýärkä diňe bir neandertal adamlarynyň jaýlanan ýerlerini däl-de, ýokarky paleolit adamlary hem tapylandygy maglumat berilýär. XIX asyryň ahyryna seredeniňde XX asyrda şol tapyndylar maglumatlar 3-4 esse maglumat ösdi, ýagny 1924-nji ýylda Günorta Afrikadan awstralopitegiň süňk galyndylary tapylýar. 1927-nji ýylda Hytaýdan sinantroplaryň süňk galyndylary tapylýar. Şol tapylan tapyndylaryň esasynda neandertal görnüşli adamyň häzirki zaman adamdan tapawutlygy esaslandyrylýar.

Antropologiýa bölünşigi aýratynlygy talap edýär. Onda adamyñ fiziki (bedeni) taýdan üýtgeşikligi duýulýar. Ýöne olaryñ hemmesi umumy taryhy bölünşige taý gelip

bilmez. Onuñ ilkinji durmuşuny XIX asyryñ I-nji ýarymynda Şwed alymy Ş.Nilzon XIX asyryñ II-ýarymynda amerikan etnografy L.Morgan kesgitlediler. Ş.Nilson öz işinde taryhy ösüşini dört tapgyra: ýabanyçylyk, çarwaçylyk, ekerançylyk we swilizasiýa döwürlere bölüpdir.

L.Morgan bolsa taryhy ösüşiniñ üç döwre: ýagny ýabanyçylyk, wagşyçylyk, swilizasiýa diýip at beripdir. Olaryñ hersini hem bir näçe basgançaga bölüpdir. Onda hojalygy we maddy medenýetiñ ösüşini hem kesgitläpdir.

Morganyñ ýabanyçylyk döwri diýip atlandyran bölümi (tebigatyñ beren nagmalaryny ýygnamak, awçylyk, balykçylyk). Wagşyçylyk döwri (ekerançylyk we maldarçylyk) diýip belläpdir.

Ýabanyçylyk döwrüñ ilkinji ädimleri gadymy adamyñ döreýşi bilen bagly.

Ýabanyçylyk döwrüñ ortasy balykçylyk we oduñ döredilişi usuly bilen bagly.

Ýabanyçylyk döwri aşaky gatlagy kulakçylygyñ döremegi bilen baglydy.

Taryhy bölünişiklere F.Engels öz "Maşgalanyň, hususy eýeçiligiň we döwletiň gelip çykyşy" atly işinde L.Morganyñ pikirini hem ullanypdyr. Onuñ çykyşynda şeýle sözler bar: "Täze maglumatlar tapylmasa, Morganyñ taryhy bölünşigi hemişe biziñ üçin görkezme esbap ýoly bolup biler".

Häzirki wagtda ilkidurmuş gurluşunyñ taryhyny üç tapgyra bölýärler:

1. Ilkidurmuş süri, urug topary döredilmänkä;
2. Tire jemgyýeti (irki awçylyklardan we balykçylardan düzülen we giçgi tire jemgyýeti maldarçylyk we ekerançylyk)
3. Daýhanlaryň öñ ýany jemgyýet. (goñşy jemgyýetçilik, harby demokratiýa, synplañ döreýşi, tire jemgyýetiñ synmagy bilen tamamlanýar)

**Umumy döwletiñ bölünşigi tablisa geçirsek düşnikli bolar.**

<table>
<tr><th colspan="2">Taryhy eýýam</th><th>Arheologiýa döwri</th><th>Paleoantropologi döwri</th><th>Döwriñ ýaşy müñ ýyl</th></tr>
<tr><td colspan="2">Urugly jemgyýetiñ döwri</td><td>Aşaky we orta paleolit</td><td>Arhantroplan we paleoantropyñ döwri</td><td>1500-1000<br>100-40</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Tireçilik jemgyýetiñ döwri</td><td>Irki ilkidurmuş jemgyýetiñ döwri</td><td>Ýokarky paleolit – mezolit</td><td rowspan="2">Neoantroplañ wagty</td><td rowspan="2">100-40</td></tr>
<tr><td>Giçgi ilkidurmuş jemgiýetiñ döwri</td><td>Neolit</td></tr>
<tr><td colspan="2">Synplañ döreýiş döwri</td><td>Giçgi neolit eneolit ýa-da demir asyr</td><td></td><td>10-5-.....</td></tr>
</table>

Düşündüriş: 1. Paleoantropologiýa - antropologiýanyñ bir bölegi bolup adamzadyñ süñklerini öwrenýär. (paleo-grek, sözden – gadymydyr diýip añladylýar)

2. Arhantroplar- gadymy adamlar (pitekantroplar, sinantroplar.)

3. Neoantroplar- täze adamlar (olara kromanýonlar we häzirki tipda ýaşaýan adamlar) girýär.

Hronologiýa we döwre bölmek bular hersi aýratyn zatdyr. Döwre bölmek diýen düşünje adamzadyñ taryhyny uly döwre bölmekdir. Hronologiýa bolsa arheologiýa ýadygärlikleñ barlygyñ wagtynyñ çäkligidir (hojalygy, ýaşaýşy we jaýlanşy mysal bolup biler).

Hronologiýa iki hilli bolup biler:

a) anyk
b) takmynan

Anyk- hronologiýa müñýyllyk , asyr ýa-da aýy we bolup geçen wakanyñ gününi görkezip bilýär. Soñky wagtda radiouglerod usul bilen hem kesgitlemäge synanşyk edilýär. Takmynan – hronologiýa wagt kesgitlenmeýär ýöne wakalary yzygiderliligi kesgitläp bilýär. Ol maglumatlar: arheologiýa, geologiýa, paleontologiýa, paleoklimatalogiýa, tarapdan kesgitlenýär. (goşmaça maglumatlar bölüminde olar giñden düşündirilýär).

Gadymy ýadygärlikler taryhy çeşme hökmünde ullanylýar. Olar bilen taryhy bölümleri öwrenilýär. Ýöne ilkidurmuş gurluşugy öz aýratynlygyny saklaýar. Ol ugurdaky alymlar ýazma çeşmeleri ullanman arheologiýa, etnografiýa, antropologiýa maglumatlar bilen çäklenýärler. Şol hatarda dil öwreniş (lingwistika) ylmy nazaryýeti:

Paleobotanika (ösümlikleri öwrenmek)

Paleozoologika ( haýwanlary öwrenmek) we ş.m. ylmy nazaryýetler hem öwrenilýär.

Arheologik ýadygärligiñ üsti bilen gadymy taýpalañ we halklaryñ durmuşy we olaryñ hojalyklaryñ tapawutlygyny kesgitlemek bolardy.

Etnografiýa maglumatlañ üsti bilen ilkidurmuş jemgyýetini öwrenýän taryhçylar ol döwri öwrenip taýpalañ we halklaryñ taryhyny dikeltmegine çalyşýarlar.

Etnografiýa dünýäniñ ýüzündäki halklaryñ durmuşuny we medenýetiniñ aýratynlyklaryny öwrenýärler, esasanam taýpalañ däp-dessurlarynyñ saklanylyşy we häzirki durmuşy dowamlylygyny synlaýar. Häzir hem taýpalaryñ daş asyrda ýaşaýanlar hem bar. Olañ durmuşuny maddy ruhy medeniýetini öwrenip, alymlar şeýle karara geldiler, dünýäniñ ýüzündäki adamlaryñ hemmesi şol ilkidurmuş jemgyýetiniñ geçendigini kesgitlediler. Şol pursatda alymlar ýokary medeniýetli halklary olaryñ ykdysady, hojalygyny, däp-dessyrlaryny hem öwrenipdirler.

Antropologiýa berýän maglumatlary hem örän wajypdyr. Olar ilkidurmuş adamlaryñ süňklerini öwrenýärler. Kelle süňk we äñiñ üsti bilen gadymy adamyñ fizika taýdan gurluşuny kesgitlemek bolýar.

Zoologiýa ylym hem alymlar üçin möhüm maglumaty hem alyp bolýar. Maýmynlary (şimpanze, gorilla, gibon) aýratyn öwrenmekde primatalogiýa atly ylym bilen ýarymmaýmyny, maýmyny we adamy hem öwrenilýär. Bir tarapdan adamyñ bedenini anatomiýa bilen kesgitlenýär. Onuñ netijesinde gadymy adamyñ nesli öwrenilýär, ikinji tarapdan adamyñ añ derejesini, dilini, işeňgirligini düşünmegine ýardam edýär. Soñky wagtda primatalogiýa ylym maýmynlaryñ tebigatyndaky häsýetlerini öwrenýärler we belli bir derejede öñe gidişligi bardygy beýan edilýär.

Etnografik, arheologik, antropologik ylymda tapylan maglumatlar diýseñ haýal toplanýar. Olar esasanam syýahatçylaryñ, halkyñ arasynda din ýaýratýanlaryñ gündelikleriniñ üsti bilen toplanýar. Olar diñe XIX asyryñ ikinji ýarymynda jemlenendir. Ol döwürde hem arheologiýa, etnografiýa, antrapologiýa ylym hökmünde hem ýüze çykyp başlaýar.

Adamlar öz gadymy taryhyny bilmek üçin ir wagtdan bäri öwrenmäge başladylar. Antiki döwürde grekler, rimliler ilkinjiler bolup taryhy maglumatlara syn berip başlaýar.

Meselem: Grek taryhçysy Ksenefont (b.e.ö. 430-350 ý.) Kiçi Aziýa halklary, Strabon (b.e.ö. 63-20ý.) Ewropa we Aziýa halklary öwrenipdirler. Germanlar hakynda bolsa Gaý Ýuliý Sezar "Gall uruş ýazynlary" (b.e.ö. 100-44ý.) atly eserinde , Korneliý Tazit (b.e.ö.54-30ý.) „Germaniýa" atly işinde hem beýan edilýär. Grek akyldary Demokrit (b.e.ö.470-380ý.) ilkinji adamlar ilki erigiň miweleri bilen peýdalanypdyrlar diýip ýazypdyr. Adamlar ölmän galmak ýaşaýyş üçin köp zatlary öwrenmäge mejbur boldylar. Lukresiý Kar (b.e.ö. 99-55ý.) öz „Tebip zatlar" atly eserinde adamyñ medeniýetini suratlandyrýar, olaryñ daş asyrdan mis, soñra demir asyra geçiş barada habar berýär. Orta asyrlarda filosofiýa ylym taýdan din bilen bagly bolup dindarlara hyzmat edipdirler. Häzir bolsa ylym aýratyn nazaryýet taýdan öwrenilýär. Orta asyrlarda halklary öwrenmekde araplara degişli bolupdyr. Arap geografy Ibn Ýakut (1178-1229) „Geografik sözlügi" atly kitaby ýazypdyr. Onda 16 müñ söz ýerleşdirlipdir.

Ilkidurmuş jemgyýetiñ adamlary hakynda toplanan maglumatlar antika we orta asyr döwürde ýygnalypdyr.

Meselem: Gerodot (b.e.ö. Vas.) günorta Ewropada ýerleşen skiflar, Afrikadaky pigmeýler, barada öwrenipdir. Ýu. Sezar Gallaň (häzirki fransiýa) durmuşy we hojalygy barada maglumat beripdir. K.Tazit (54-117ý.) germanlar hakda Ispaniýa we Demirgazyk Afrikadan tä Powolžiýa, Orta Aziýa, Hindistan barada maglumatlar arap we ýewropa syýahatçylaryñ habarlaryñ üsti bilen aýdyň bolýar. Meselem: Plato Karpini (XIII as-mongollar hakda) Marko Polo (XIII as. II ýarym XIV as. Hytaýlar hakynda)

Ibn Batutanyñ (XIV as.) Günorta-gündogar Aziýa halklar hakynda maglumatlar berlen.

XV as. ahyrlarynda XVI as. başlarynda geografik açyşlardan soñra (Kolumb, Magellan, Amerika Wespuççi ....) etnografik maglumatlañ sany barha köpeldýärler. XVII asyrda kopitan J.Kuk tarapyndan Awstraliýa we Okeaniýa (ýuwaş ymmady) halklar barada maglumatlar aýan etdi.

XIX asyrda Ýewropa muzeýlerinde ilkidurmuş jemgyýetiñ adamlarynyñ zähmet gurallary, hojalygyna degişli esbaplar görkezilip başlanýar, ýöne şol ugurda ylymyñ esasy maglumatlary diñe XX asyrda jemlendi we öwrenildi.

Hytaý geografy Çan-Çünýaç (XIII as.) orta Aziýanyñ halklary barada maglumat berilen, syýasatçylar söwda ýollary (şol hatarda ýüpek ýoly) öwrenmek üçin gündogara giderdiler. Olaryñ hatarynda Wilgelim Rubruk (1217-1293) , Marko Polo (1254-1324), Afanasiý Nikitin (1400-1475) we başgalary ýatlamak bolar. Belgiýaly manah W. Rubruk 1253-1255ý. Mongoliýa syýahat edipdir. Wenesiýaly syýahatçy Marko Polo 1271-1275 ý. Hytaýda 17ýyl ýaşady. 1292-1295 ý. Deñiz üsti bilen Italiýa dolanyp barýar. 1298ý. Onuñ „Kitap“ atly eseri ýazylýar. Onda Merkezi, Gündogar, Günorta Aziýa bilen ýewropalyly tanyşdyrýar.

Rus Twerli Afanasiý Nikitin syýahatçysy „Üç derýanyñ añyrsynda“ atly eserinde (1471-1474) Persiýa, Hindistany, Şomali, Maskat, Turkiýanyñ ilaty bilen tanyşdyrýar. Bu açyşlardan soñra Ýewropalar üçin dünýa garaýyş 100 esse ulaldy. Olar bir biriniñ fizika taýdan, eşiklerinde, dillerinde, dininde, däp-dessurlarynda tapawutlygyny gördüler.

Ýewropa halklar jemgyýet gurluşunda, häkimligiñ we hususy eýeçiligiñ ýoklugy hakynda maglumat aldylar. Meselem, Jems Kuk (1728-1779) Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Gawaý adalary barada gyzykly maglumat getirdi.

S.Tallas (1741-1811), S.P.Kraşeninnikow (1713-1755), W.F. Zuew (1754-1794) Kamçatka, Sibir barada gymmatly maglumatlar berdiler.

Netijede XVIII asyrda syýahatçy alymlar Amerika, Afrika, Aziýa we Awstraliýa baradaky halklar hakynda giňişleýin maglumat berdiler. Ýygnalan maglumatlar täze açyşlara itergi berdiler. Fransuz missionery Jozef Fransua Lafita (1600-1740) irokez we guran indeý taýpalary öwrenip olaryň gelip çykyşyny kesgitledi. Nemes G.Forster (1754-1794) Taiti adasynda jemgyýetdäki serdarlary öwrenipdir we Gomeriň eserindäki gahrymanlyga meňzeşligiň bardygyny subut edipdir.

XVIII asyrda Russo, Didro, Wolter, Monteskiýe ilkidurmuş jemgyýetini altyn asyr diýip hasapladylar. Fransuz Jan Antioh Kondorse (1743-1794), Şatlantly Fergüzon (1723-1816) ilkidurmuş jemgyýetini üçe bölüp: awçy-balykçylar, çarwalar, ekerançylar. Şol tarapdan eýeçilik formalaryny hem kesgitläpdir.

XIX asyryň I-nji ýarymynda arheologik maglumatlar klassifikasiýasy başlandy. Şol sebäpli zähmet gurallaryň üýtgemegini görkezildi. Adamlaryň süňklerini öwrenip iňlis alymy Mak Ineri we Belgiýaly Şmermeng bir netijä geldiler. Adamyň gelip çykyşy (antropogenez) düýpli öwrenmelidigini kesgitlediler. Fransuz alymy J.B.Lomark (1744-1829) adamyň gelip çykyşy ewolýusion usulyny hem getirýär. Iňlis biolog Ç.Darwin (1809-1882) ol teoriýany tassyk edýär. „Tebigy saýlap seçmek bilen adamyň gelip çykyşy“ (1859) işinde ewolýusion kanun boýunça emele gelişi kesgitlenýär. Darwin adamlaň haýwandan gelendigi barada çaklama berýär. Tomas Geksli maýmynlar hem ewolýusion geçişde az iş bitirmändigi hem kesgitledi. Netijede, Darwiniň teoriýasy (çaklamasy) ylymda uly orun tutdy. Materialist F.Engels hem öz „Iş üsti bilen maýmyndan adam emele gelendigini“ işinde Darwiniň

pikirine daýanypdyr. Ewolýusiýa teoriýasyna iñlis etnografy F.Teýlor (1832-1917) her medeniýet özbaşdak saklanýar we bir birine goşulup bilmez. Netijede, yza galak halklar öz medenýeti bilen galmalydy. Teýloryñ pikirini iñlis D.Lebbok (1834-1913) hem goşulýar. Şatlanly D.Jon Mak-Lennan (1827-1881) adamyñ fizika taýdan kesgitläpdir. Nika gatnaşyk urugyñ we tiran içinde (endogamiýa) bolsa, nesil gowşak bolýar. Nika tirah daşyndan (ekzogamiýa) bolsa onda nesil sagdyn bolýar. Adamyñ ösmegine zähmetiñ orny uly bolandygy F.Engels hem öz işlerinde getirýär. Zähmet paýlanyşyk bolsa zähmet güýjüniñ ösmegine getirýär. Bu bolsa synplary döredýär, olar hem uzagyndan bir-birini gapmagarşylyga getirýär.

Ýewropada ewolusiýa we marksizm barada düşünjeler köpelýär.

1. Diffision etnografiýada we arheologiýada (medeniýetiñ geografik ýaýrawy)
2. Sosiologik (jemgyýetçilik)
3. Funksional (baglanşykly)

Diffusian mysalynda egerde çarwa halky çomuryñ (oturumlyñ) üstüne çozaýsa güýji bilen ýeñip biler, ýöne medeniýetinde ýeñiler. Bu teoriýa iñlis arheolog Gordon Çaýld (1892-1957) goşulýar. Sosiologiýa teoriýasy bilen fransuz alymy Emil Dürkgeým (1858-1917) berýän maglumatyna görä jemgyýet ösüşinde hereket güýji jemgyýetçilik añ bolup biler. Netijede, jemgyýetçilik añynyñ ösmegine din hem uly ýardam edip biler.

Ilkidurmuş jemgyýetiñ taryhyny öwrenmekde rus alymlar hem uly goşant edipdirler. Meselem, N.N.Mikluho-Maklaýn Okeýaniýa, Täze Gwineýanyñ halkyny öwrenmekde, Maksim Kowalewskiý (1851-1916), L.Sternberg (1861-1927) (Sahalini, Amurülkan ýaşaýjylary) antropogonez hem öwrenipdirler. Arheologiýa ylymda türkmen alymlar hem öz işleri bilen tanatdylar. Olaryñ

hatarynda A.Gubaýew, H.Ýusupow, E.Atagarryýew, O.Berdiýew, we başgalary görkezmek bolar.

## Adamzadyñ gelip çykyşy we ilkidurmuş jemgyýetiñ döreýşi.

Alymlar adamyñ gelip çykyşy barada dürli çaklamalar getirýärler we olaryñ kä biri üç tapgyra bölýärler. Birinji tapgyr ewolýusiýada adamyñ nesil daragtyñ kökleri maýmynlardan gaýdýandygy çaklaýarlar. Müsürde maýmyndan öñ ýany parapiteka we oña ýakyn propliopiteka diýip bellenýär. Olardan hem iki şaha gaýdýar. Olaryñ biri pliopiteka (uly maýmyn) we siwapiteka (bu Hindistanda Şiwalik ady bilen atlandyrylýarlar. Olar gibbon, orangutan maýmynlardan dörändigi çaklanýar).

Maýmyndan öñ ýany diopiteklar (tokaý maýmynlary) Ýewropa, Afrika we Aziýada ýaýraw bolanlaryñ bedenisi kiçi bolupdyrlar. Driopitelerden häziki garilla we şimpanzeler emele gelipdir. Başgalar adamzadyñ döremeginde progresiw ýol bilen gidipdir. Oña bolsa udabnopitek atly maýmyn ýakyn bolupdyr. (udabno atly gündogar Gruziýada ýeriň ady bilen bagly) Adam zadyñ emele gelmeginde gatnaşmaýan maýmynlar bolsa baglarda ornaşyp tokaýda ýaşamaga galdylar.

Başga maýmynlar bolsa biologik taýdan ösmeginde bedenleriñ ölçegleri ululmak ýok bilen gidipdirler. Olara bolsa megantrop (uly adam) diýip atlandyrylýar. Ol Ýawa (Indoneziýa) adada tapylan we gigantrop-äpet adam (gündogar Hytaýda) tapylypdyr.

Dripitek atly progressiw şahamçadan ramapitek (Rama „Ramaýana“ hindi poemasynda baş gahryman) diýip atlandyrylýar. Onuñ süñkleri Hindistanda tapyldy. Alymlañ kesgitlemegine görä olar 14-10 mln. ýyl mundan ozal

ýaşapdyrlar. Olaryñ keşbi haýwansypatlykdan üýtgeşikdi. Meselem, beýlekilere garañda öñki gyýak dişleri çykyp duranokdy. Soñky ösüşinde antropoitler iki aýagynda ýöräp ellerinde ýarag gurallary (şah, süñk, taýak, daş) göterdiler.

Ewolýusiýanyñ soñky tapgyrynda awstralopitek (latyn dilinde awstraliýaly) günorta maýmyn diýip atlandyrylýar.

Onuñ süñki 1924-nji ýylda Keniýada (Gündogar Afrikada) tapylypdyr. Oña „Zinjantrop“ diýip atlandyrylýar. (Gündogar Afrikada gadymy araplaryñ atlandyryşy) Alymlañ kesgitlemegine görä 5,5-4 tä 0,7-1 mln. ýyl ýaşadylar. Häzir 400 awstralopitegiñ süñkleri tapylypdyr. Olar yzky aýaklarynda süşüp awçylyk bilen meşgullanandygy kesgitlendi. Et bolsa olaryň esasy iýmitleriñ biri bolupdyr. Olaryñ diş gurluşy we gözleñ durşy häzirki adamlary sypatlandyrýardy. Dişleri we äñi driopiteklerden, romanitekden hem pes derejede ösen. Gorag üçin olar taýak, süñkler we daşlar ullanardylar. Iki aýakda ýöremegi bolsa olar tekiz meýdanda öwrenişmelidiler. Netijede, olar dogry ýöremegi gazandylar. 1959-njy ýylda Tanzaniýada möhüm açyşlañ biri bolupdyr. Ol ýerde zinantropyñ kelle süñki tapylypdyr. Onuñ ýaşan wagty takmynan ýarym million ýyl hasaplanýar. Emeldar (homo hapiler) adamyñ keşbi 1960-njy ýylda Olduwaý daglarda (Tanzaniýa, Gündogar Afrikada) tapylypdyr. Emeldar adamyñ keşbi 1965, 1967, 1972-nji ýyllarda Gündogar Afrikanyñ dürli ýerlerinde Gall uruş ýazynlary Ýewropada hem tapyldy. Tapyndylañ hemmesi Ç.Darwiniñ işindäki ýaly adamzadyñ nesil daragty Afrika materikdan ugur alýandygy şaýatlyk edýär.

Adamzadyñ ewolýusiýasynyñ ikinji tapgyry pitekantropuñ (maýmyn adam) emele gelmegi bilen bagly. Olaryñ süñki 1892-nji ýylda we 1936-njy ýylda Ýawa

adasynda tapyldy. Soňra pitekantropuň süňkleri Aziýa, Afrika, Ýewropada hem tapyldy. Olara sinantrop (hytaýly adam), Ýelderberkli (Germaniýa), Olduwaýly (Tanzaniýada) diýip atlandyrylýar.

Pitekantropy irki döwürde „Emeldar“ (homo habilis) we pitekantrop (maýmyn adam sypatly) ýaşandygy aýdylýar. Sinantrop pitekantropuň giçgi formasyna degişlidir. 1927-nji ýylda Demirgazyk Hytaýda gazuw agtaryş işler geçirilende gadymy awçylaryň oturumly ýerlerinde 40 sany erkegiň, aýalyň we çagalaň galyndylary tapyldy. Ol süňkler örän gowy saklanypdyr. Netijede, olary içgin syn bermek ýeňil düşdi. Deňeşdireňde sinantrop pitekantropa ýakynlygy subut etmek bolar. Olary tapawutlandyrýan zat zähmetkeşligidir. Tapylan zähmet gurallaryň dürliligi olary uly haýwanlara (ýabany atlary,keýikleri) öldürmek ukyply bolupdyrlar. Olar gowaklarda ýaşap özboluşly hojalygy ýöredipdirler. Alymlaň tassyklamagyna görä sinantroplar ody hem ullanmagy başarypdyrlar. Ot olar üçin ýylylyk, nahar bişirmek, awçylykda ýabany haýwanlary gorkuzmak üçin gerek bolupdyr.

Geýdelberk fiziki taýdan adam (1907-nji ýylda Germanýada Geýdelberg diýen ýerde) adamyň sypatlaryň hemmesini diýen ýaly öz içine alýar.

Adam sypatyna ýakynlygy Neondartaldan (1856ý. Germaniýada Düzseldorfuň golaýynda Neandartal diýen obada) tapylan keşbi görkezmek bolar. Oňa poleantrop (gadymy adam) diýipdirler. Neandartal keşpler Angiýada, Belgiýada, Fransiýada, Italiýada, Şweýsariýada, Krymda, Orta Aziýada, Eýranda, Yrakda hem tapyldy. Şol ugurda açyşlar entogen dogam edip gelýär. Olar orta boýly, beden gurluşugunda häzirki adamlardan güýçlidi. Olar çalasyn haýwanlary hem awlap bilipdirler. Ýöne häzirki adamlardan pikir etmek derejesi pesdi. Kelle süňki maýmynlaryňka çalymdaş edýärdi.

Adamzadyñ üçünji tapgyry „Neontrop“ (täze adam) bilen bagly. F. Engelsyñ bellemegine görä olar taýyn adamlardy. Olar gadymy adamlardan fiziki we akyl taýdan hem ýokarydy. Olara pähimli ynsan adamlar diýip tutulýar. Gadymy daş asyryñ giçgi poleolit döwrüñ adamzady. Olar irki we giçki paleolit döwrüniñ aralygynda ýaşapdyrlar. Ol döwrüñ adamlaryna kromanýon (fransiýada Kro-monýan töweginde) we grimaldiý (Italiýada bir gowagyñ ady).

Ilkinji adamyñ jemgyýetini taryhy nukdaýnazardan syn bermek örän kyn we çylşyrymly. Sebäbi ylym anyk maglumat ýok diýsek ýalñyşmarys. Netijede, diñe arheologiýa, antropologiýa, etnalogiýa ylymlaryñ çaklamasy bilen subut etmek bolar.

Jemgyýetiñ ilkinji formasyna „Ilkinji adam sürüsi“ diýip atlandyrylýar. Bu özboluşly topar guramasy gadymy adamlañ jemgyýetini olam haýwanat dünýäsinden adamyñ jemgyýetine geçişi, soñra ol ugurda zähmetiñ, olaryñ tebigata garaýşy, topar düzüşini hem görmek bolýar. Netijede, adamyñ jemgyýeti düzülşi olaryñ zähmet gurallary pikirli taýýarlamak bilen baglydy.

Rus alymlar Elimenko P.P. Boriskowskiý P.I. urugyñ jemgyýeti (20-30 adamdan) döremegi gadymy paleolit döwründe bolup geçipdir diýip subut edýärler.

Hytaýda Çjoukondända geçirilen gazuw agtaryş işleri netijesinde ilkinji tire jemgyýet asyr boýy oturumly durmuşy ýöredipdirler. Meselem, gadymy gowaklarda oturumly düşelge bolupdyr. Tebigy ösümlige baý we haýwanat dünýäsi olara dürli tarapdan üpjünçiligi ýaranyp bilipdirler. Awçylyk käri bolsa döredilen jemgyýetiñ öñe gidişligini ýardam eder. Haýwanat dünýäsi dürli-dürlidi .Tropik zolaklarda kerk, antilopa, ýekegapanlar,piller demirgazyk raýonlarda atlar, ýekegapan, zuburlar . Kä halatda gowaklarda aýylary , ýolbarslary awlaýardylar.Awçylañ möçberini tapylan süñkleriñ sany

boýunça kesgitläp bildiler. Awçylykda gowak usuly hem ýörederdiler. Olar ses bilen , ot bilen haýwanlary uly gaýalara erterdiler we netijede olary ýeñillik bilen öldürerdiler. Uly haýwanlara olar toparlaýyn awçylaga çykardylar. Ilkinji adamlar etiñ wajyplygyny düşünýärdiler.

Ilkinji adamlar bada ody tapmadylar, olar esasanam tokaýa ýangyn düşende alardylar we ony saklamagy başarardylar .

Ilkinji poleolit döwründe tebigat hem deñ däldi. Buzluk döwri gazaply sowukdy. 10 müñ ýyl mundan ozal Ýewropadaky buz günorta Finlýandiýa we Şwesiýa süýşipdir. 1 müñ ýyl ozal bolsa buzluk häzirki derejesine ýetýär. Buzlar demirgazygyñ ummanyndan günorta süýşerdi. Don derýasy ýaly ýeri 1-2 km. galyñlygyna ýeterdi. Demirgazyk Amerikany Ýewropa we Aziýadan üç esse meýdany tutardy. Günorta we orta Ýewropada howa şertler subtropik kadad günortada Aziýa we Afrikada tropik zolagynda saklanardy. Netijede, Ýewropada piller, begemotlar, gaplañlar, atlar bolardy.

Şol atlandyrylýan eýýamynda howa şertler ýyly bolardy, ösümligi hem baý bolardy. Giçki Aşşel atlandyrylýan eýýamynda buzuñ süýşmegi bilen sowuk howalar bolardy. Haýwanlañ köpüsi howa şertlerine çydaman ölmek bilen bolardy. Olañ ýerlerine bolsa sowuga çydamly haýwanlar döreýärdi.

Netijede, adamlar oduñ kömegi bilen sowgy hem çydamagy başarypdyr. Taýpalar uzak aralyga göçerdiler. Olar ot ýakmagy hem başarypdyrlar. Adamlar kynçylyk ýagdaýda bir-biri bilen jebisleşýärdiler. Zähmet bolsa olary haýwanat dünýäsinden adam jemgyýatine ýakynlaşdyrýardy.

Zähmet jemgyýetiñ berkitmegine getirerdi. F.Engelsiñ bellemegine görä zähmet adamyny döretdi. Ýöne ol pursatlar uzak wagtlap bolup, adamyñ kemala gelmeginde yzygiderli bolupdyr. Şol döwürde nika gatnaşygy hem öz

täsirini ýetiripdir. Belli Amerikan taryhçysy, etnograf L.G.Morgan öz „Gadymy jemgyýet“ atly işinde ilkinji nikalar ýakynlygy saklapdyrlar. Ol mysal bilen Gawaýa, Malaýda maşgala gatnaşyk ulgamyny getirerdi. Adam zähmet çekende, iş boýunça gepleşik hem geçirerdi. Bu bolsa aňyň ösmegine ýetirerdi. Şol döwürde dil zerurlyk hem ýüze çykýar. Diliň we pikiriň ösmegini iki tapgyra bölýärler.

1. Arhantropany we paleontropy (gadymy adamlar)
2. Homo sapiens

Ikisiniň arasynda diliň kämilleşen derejesi görünýär. Ilki ses bilen ýüzlenmesi, soňra hereket (el bilen) soňra dil geçerdi. Ol hem haýal ösýärdi. Netijede dil homo sapiensde irki paleolitden giçgi paleolidiň arasynda ýüze çykyp başlaýar. Synply jemgyýetde taýpa diller halkyň diline geçýärdi. Kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi bilen milli dil ýüze çykyp başlaýar.

Dil maşgalalaryna:

1. Hindi Ýewropa
2. Semito hamit
3. Şumer we hurrit
4. Altaý
5. Hytaý tibet
6. Ural bölünşige girýärler.

## Ilkidurmuş jemgyýetiň ösüşi

Buzly döwrüň öň ýany we buzly döwri homo sapiýensiň emele gelmegi gowy şertler döretdi. Neondertal adam zähmet çekmäge taýyndy , hatda onuň beýni elleň hereketi , dogry ýörişi hem bardy. Ýöne käbir adam taglymatlary entäk ösmägi talap edýär. Onuň nerw ulgamynda gaharjaňlyk bardy. Ol bolsa nesliň dowamynda

aýrylmalydy. Neondertallyk dili hem kämilleşmägi talap edýärdi. Netijede, häzirki şekilli adama ýetişmek üçin wagt gerekdi . Alymlañ bellemegine görä ol alamatlar giçki paleolit döwründe duýulýar. Mysal üçin Neondertal tipli oglanjyk 1353-nji ýylda Krymda arheolog A.Formozow tarapyndan tapyldy. Antropologiýa edebiýatynda çaklama görä oña polisentrizm diýip atlandyrylýar. Bu teoriýa boýunça häzirki adamlar rasasy hersi aýratyn adamdan we ýer şaryñ dürli ýerlerinde ýüze çykypdyr. Monosentrizm bir adamdan emele gelipdirler, ol hem Neondertal diýip hasap edilýär. Onuñ geografik taýdan dörän ýeri ýakyn Aziýa we Ortaýer deñzi hasaplanýar.Oña hem palestineli Neondertal diýip atlandyrylýar . Ol çaklamany hemme alymlar kesgitlemeýärler, ýöne bir zat dogry hasaplaýarlar, homo sapiens dörän wagty giçki paleolit döwründe döräpdir. Biologik taýdan hemme dokuzam düzüwdi we toparlar ýaşamaga hem ukyplydy. Ol daşdan zähmet gurallary meselem: kepje, kesiji, rende, pyçak, naýzalañ uçlaryny ýasamaga ukyplydy. Bu hem ilki durmuş öndüriji tapgyryñ ösmegine badalga berýär. Neandertal adam haýwanlaryñ süñkünden, şahlaryndan gural ýasamagy başarypdyr. Ol temen, kätmen, naýzalañ uçlaryny, balyk tutar ýaly gurallar hem ýasamagy başarypdyr. Naýza bilen awlardy, kepçe bilen hamy arassalardy. Ody ýakmak üçin çakmak daşy ullanardy. Awçylyk derjesi ýokary galdy. Giçgi poleolit döwründe olañ gowaklarynda ýabany haýwan süñkleri uly mukdarda tapyldy. Meselem, Fransiýanyñ Solutra diýen ýerde 10 müñ atlañ süñki tapylypdyr. Ukrainada Amwrosiewkide müñ ýekegapanlañ süñki tapyldy. Awçylyk käri ýaşamak üçin uly girdeýji berýärdi. Awçylykda olar dürli usullar hem ullanardy, olaryñ biri hem çukur gazmakdy. Haýwanlary şol çukurlara gabap elterdiler we ýeñillik bilen tutardylar. Soñra adamlar kämilleşip ok ýaý ýasap awçylyk usulyny kämilleşdirýärler. Soñra

Awstraliýada olar bumerang (bukulan serdesse görnüşli zyñylýan gural) oýlap tapýarlar. Soñra deñiz haýwanlary awlamakda garpunlar (uzyn agaja berkidilen naýza) ulanardylar. Alymlañ kesgitlemegine görä mezolit döwrüñ ahyrynda balykçylyk esasy hünär bolup hereket edýär. Gowaklar öñki ýaly ilkidurmuş adamlaryñ jaýy hasaplanýardy. Şol döwürde ilkinji 200 kw. metr ýerde jaýlar gurulýar. Olaryñ diwarlary daşdan üsti bolsa üçek bilen ýapylan. Jaýlañ ýasalmagy bolsa buzly döwrüñ sowgy gelýärdi. Süñkden tapylan temenler adamlar özlerine eşik tikmägi öwrenipdirler. Paleolit döwrüñ aýagyna adamlar öý ojagy döredipdirler. Hemä jaýyñ içi ýyly bolýar, hem-de ýagtylyk berýär. XX as. 30-nji ýyllarynda eskimozlar, karýaklar, çukçeler öwrenmegi başlanda adam giçgi poleolit döwründe çyra ýasamagy başarypdyr. Ol daşky kowup onda bette bilen ýagy saklan ot ýakylýardy. Öndürji güýçleriñ ösmeginde jemgyýet gatnaşyklarda üýtgeşmeler bolup geçýär. Zähmet gurallar kämilleşmeginde adamyñ tebigata garşy göreşi ýeñilleşýär we hojalyk topar döremegine itergi bolýar. Gowşak ilkidurmuş jemgyýeti berk tire atlandyrylýan topar döredilýär. Bir eneden bolan bir maşgala, onda hem enäniñ keşbi ýokary tutulýardy. Gysgaça aýdylanda matriarhat döwri başlanýardy. Bu pikiri Irokez tiräni öwrenen G.Morgan hem tassyklaýar. Solütreý (Fransiýa, Ispaniýa) we Orinýak (Günbatar Ýewropa) aýallaryñ keşbi butlar ýasalypdyr. Aýallar öýüñ ojagyny goraýjylar hasaplanýar. Olar öýi, ojagy, çagalary terbiýelemek, azyk önümleri saklamak, nahar bişirmek, geýim tikmek we ş.m. işleri ýöredýärdiler. Aýal urugyñ köki we hojalygyñ ýolbaşçysy . Urug ol 1) önüme we önümçilige eýeçilik, 2) bilelikde zähmet çekmek, 3) bile garyndaşlyk açmak, 4) bir at, 5)dine ynanmagy birligi saklamak, 6) jemgyýet durmuşda demokratik tertipde bolupdyr. Urugda nika gatnaşygy ekzogamiýa usul bilen

geçirilýär. Urugyñ içinden gyz almak gadagandy diñe daşyndan başga topardan almagy rugsat edilýär. Ç.Darwiniñ bellemegine görä bir tirede nika bolmak erbet duýgy bilen bagly bolan üçin daşyndan alynýar. S.Tokarewiñ bellemegine görä daşyndan almak goñşy bilen oñyn hojalygy bilen gatnaşygy berkidilýär. Netijede, dual urugyñ gurama döreýär. Bu hem olan ilat sany hem artmagyna getirýär. Soñra olar fratriýa hem döredýär. Bu köp taýpalarda hem halklarda bolup geçýär. Meselem:

Afinada – 4 filah
Midiýada – 6 taýpa
Izraýylda – 12 arkadan
Oguzlarda – 24 taýpa
Gunlarda hem – 24
Rimlerde – 2 hökümdardan Rem we Romul
Ermenilerde – 2 hökümdar Sanosare we Baýdasare

Bular çaklama görnüşinde hem hasaplansa, urug jemgyýeti ilkinji adamlañ jemgyýeti hasaplansa bular onda ilkinji agzybirlik ysnyşykly gatnaşyk, uruglaryñ birligi ýaly taglymatlar bolandygy habar berýär.

Urug jemgyýetinde önümçilik ýokarydy. Bu hem ýaşaýyşy ýokarlandyrýardy. Maddy tarapdan gowlanmagy ünsi çekýär. Netijede giçgi poleolit döwründe awçylar uzak ýerlere süýşmäge we ol ýerde ýaşamaga ymtylýardy we täze ýerlere özleşdirýärdi. Şol döwürde buzly döwri tamamlanandan soñra demirgazyk Ýewropa we Aziýa boz ýerler täze ilata gelmegine garaşýardy. Giçgi paleolit döwründe Sibir Demirgazyk Germaniýanyñ ilat sany köpelýär. Bereng bogazdan geçip Aziýalylar , Amerikada hem mekan tutdylar. Netijede, şol döwürde Ýewropa medeniýeti, Sibir – Hytaý medeniýeti, Afrika – Ortaýer deñiz medeniýeti atlandyrylýar.

1. Ýewropa buzly ülke Ýewropa territoriýasynda döredilýär. Howa şertleri diýseñ sowuk adamlar

gyşky jaýlar döredýärdi. Olar süňklerden we mamontyň hamyndan ýasaýardylar.

2. Sibir – Hytaý ülkesi hem meňzeşligi duýulýar. Tapawutlulygy gurallaň formasy başgady.
3. Afro – ortaýer deňiz ülkesine Afrika, Ispaniýa,Italiýa, Balkan ýarym adasy, Krym Kawkaz we golaý gündogar ýurtlary öz içine alýar. Howa derejesi ýumşak, ösümlik dünýäsi baý, şonuň ýaly haýwanat dünýäsi awçylyga gowy şert döredýär. Şol ýerde hem alymlaryň bellemegine görä ok ýaý hem demirgazyk Ýewropadan hem Aziýadan ir döredildi diýip hasap edilýär.

Alymlaň bellemegine görä Günorta-Gündogar Aziýa paleolit döwri az öwrenildi. Onuň ilatyň meşgul bolýan käri tebigatyň beren miwelerini ýygnamak we wagtal awçylyk etmek ýaly pursatlary aýtmak bolýar.

Indi Amerika ilkinji adamlaryň ýaýrawy hakynda arheologlar,etnograflaryň bellemegine görä ol ýeriň adamlary ýapon adamlardan barandygy habar berilýär. Ýöne alymlaryň köpüsi Bering bogazyň (85km) üstünden Aziýadan barandygy barada subut edýärler. Kä bir alymlar olar olar sibirden barandygyny tassyklaýarlar. Esasanam b.e. öň 10 müň tä 5 müň ýylyň aralygynda kesgitleýärler. Awstraliýa bolsa Günorta-Gündogar Aziýadan Indonezýadan barandygy subut edilýär. Ilkidurmuş adamlar tebigatyň beren miweleri bilen oňupdyrlar. Ol hem iki tapgyrdan ybarat:

1. Arhaýiki (Gadymlyk, köneçil)
2. Miwe ýygnamak we awçylyk, balykçylyk hojalygy ýöretmek bilen bagly.

Giçgi eneolit döwri orinýak, soýutreý we madlen medeniýetleri geçiripdir. Orinýak medeniýetine zähmet

ýaraglaryñ sany köp, gyşky öýler, çakmak daşdan ýasalan gurallary getirmek bolýar.

Solütreý medeniýetinde (Fransiýada) medeniýetinde çakmak daşdan ýasalan oklan uçlaryny getirmek bolar. Sowukdan goranmak üçin jaýlar agaçdan ýasalypdyr. Çukurlarda etleri saklapdyrlar. Adamlar öýlerini bolsa ýabany mallaryñ geçilýän ýerlerinde dikipdirler. Madlen medeniýetinde (Fransiýa) onuñ ýarawy Ispaniýa we Şweýsariýa, Germaniýa hasaplanýar. Onda daşdan ýasalan pyçgy, sünten we şahdan zähmet gurallar ok we ýaý. Olar awçylygyny esasanam ýabany atlary, guşlary çykardylar.

Orsýetde giçki paleolit döwri Oka , Ýeniseý, Peçora, Lena, Angara derýalaryñ kenarlarynda ýaşapdyrlar. Sibirdäki iñ gadymy döwri az öwrenildi, ýöne umumy aýdanyñda olar tebigatyñ beren miwelerini çöpläp, awçylyk edendigi belli boldy.

Arheologik we etnografik baý maglumatlara görä Awstraliýanyñ giçki paleolit döwrüni az öwrenildi şol döwürde.Awstraliýalylar ok ýaý bilmeýärdiler. Diñe ýiti paltalar ulanardylar.Giçki paleolitden mezolite geçiş döwründe Awstraliýa gelipdirler. Olar beýleki materiklerden aýry düşenden soñra ýuwaş – ýuwaşdan ornaşardylar. Olaryñ zähmet gurallary pyçak, palta bolupdyr.Agaç gurallar ýasamakda daş, süñk, balykgulak,çaññalyk ulanardylar. Awçylyk we harby gurallar bolsa naýza we ujy tommarçakly taýak ulanardylar. Olar esasanam kenguru, straus, tülen, krokodil we suw pyşdyllary awlapdyrlar. Toparlaýyn awçylykda aýallar hem gatnaşardylar.Netijede Awstraliýalylaryñ hojalygynda awçylyk esasy kärleriñ biri bolupdyr. Tebigatyñ berýän miwelerini çöplemek zenanlaryñ paýyna düşýär.Olar kömelek, dürli otlary, otlaryny, guşlaryñ ýumurtgalaryny ýygnardylar. Wagtal – wagtal olar alaka, ýylan, hažžyk tutardylar. Amatly ýerlere olar oturymly bolup oba görnüşinde jaýlaryny dikerdiler. Iki agajy biri –

birine süýkäp ot alardylar. Olar tutan haýwanlaryñ etini otda gowrardylar ýa – da buglap iýerdiler.

Mezolit döwründe olar ýaý ulanardylar. Mezolit döwründe buzlar çekilenden soñra howa şertleri hem gowlaşýar. Ösümlik we haýwanat dünýäsi häzirki görnüşdäki ýaly kadaly ýagdaýda bolýar. Mezolit döwründe ýaşaýjylar ýeke gapana, zubra, kiçi haýwanlara, suw guşlara awçylyk ederdi. Zähmet gurallary çakmak daşdan ýasardylar, öz görnüşini üç burçluga, romb, trapesiýa meňzederiler. Bu şekilli gurallar diñe Awstraliýada däl-de Ýewropada, Afrikada, Aziýada görkezmek bolýar. Türkmenistanyñ çäginde hem Dam-dam çeşme (balkanabat), Kaýlu (Türkmenbaşyda) gawaklarda hem görmek bolýar. Şol hatarda makrolitler uly daşdan gödek formada ýasalan zähmet gurallar: paltalar, külünler ulanypdyrlar.

Paleolit bilen mezolitiñ arasyndaky döwürde adamlar öý haýwanlar sanlaryny köpeldipdirler. Olar aw awlanda tutan haýwanlary hojalygyň durmuşyna öwrenişdiripdirler. Eldeki etmek wagty dogamly geçdi. Öýdeçir mallaryň ýylyñ geçmegi bilen sany köpelýärdi. Dünýäde 140 müñ dürli haýwanlar diñe 47 görnüşi eldeki etmek bolupdyr. Haýwan içinde güjük ilkinjileñ biri bolupdyr. Adamyñ güjügi öwrenişdirmegi giçgi paleolit döwründe onuñ sany köp boldy. Iti öýdeçir etmek adama agyr düşmedi sebäbi it hem adamyñ iýýän zadyny iýýärdi, soñra nahardan galan zady hem iýerdi. Adamlar awçylyk edende we öý goramakda iti ullanardy. Geçi, goýun, doñuzy bolsa b.e.ö. VII müñ ýyllygynda eldeki etmek ederdi. Mezolit döwründe adamlar demirgazyga Şatlandiýa, Skandinawiýa, Pribaltika, demirgazyk buzly ummanyñ kenarlaryna göçerdiler. Soñra Amerika kontinentine hem ýaýrawuny edipdirler. Mezolit döwrüniñ awçylyk we balykçylyk hojalygy, olaryñ oturan ýerleri gowy öwrenilipdir. Meselem: Ýewropanyñ ilaty

derýalaryň, kölleriň kenarlarynda mekan tutupdyrlar. Olaryñ ýeñil görnüşli jaýlary bolardy, gowaklaryň içi bezelerdi. Pasyllara görä eşik geýipdirler. Mezolit döwrüñ ýaşaýjylaryň durmuşyny öwrenmekde alymlar Indoneziýa, Fillipin, Günorta Amerikadaky gadymy ýadygärlikleri öwrenipdirler. Günorta Afrikada ýaşaýan buşmenleriň durmuşyny. 1520-nji ýylda Mogellan tarapyndan otly ýer adalary öwrenilipdir. Buşmenler günorta Afrika banty taýpalar tarapyndan gysylyp çykarylypdyr. Soñra gollan kolezinatorlar tarapyndan buzmenler Kalahari çöllügine gitmäge mejbur etdiler. Olar köp wagtlap ýekelikde ýaşap goñşy taýpalar we döwletler bilen gatnaşyk hem etmändir. Netijede, hojalygynda we medeni ösüşinde yza galdylar. Şeýlelik bilen häzir hem buşmenler ok ýaý ulanylýar. Olar antilopa, straus, keýikleri awlapdyrlar. Awçylyga buşmenler toparlaýyn giderdiler, olaryñ arasynda aýallar we çagalar hem bolardy. Olaryñ ýanynda it hem wepaly dost hökmünde gatnaşardy. Şolar ýaly ykbal Otly ýer adasynyñ taýpalarynyň durmuşy geçdi. Olar hem günorta Amerika taraba çykaryldy. Buşmenler we Otly ýerde ýaşaýan taýpalar hemişe gözlegdedi, jaýlary hem göçmek üçin amatly usulda gurlan. Mezolit döwründe ilatyň sany artyp ýaýrawy köp bolupdyr. Öndüriji güýjüñ pes derejede bolmagy kollektiwleýin zähmet çekmeli bolýar. Urug jemgyýeti bir mümkinçilik maşgala ýaly hasaplanýar. Ýer bolsa esasy önümçilik serişdesi maşgala eýeçiliginde hasaplanýar. Onda awçylyk, balykçylyk we ýeriñ miwesini ýygnamaklyk işler bilen meşgul bolardy. Onuñ içinde jaýlary, gämileri, torlary hem maşgala eýeçiliginde saklanýar. Hatda zähmet gurallar we harby ýaraglar maşgalanyñ eýeçiliginde hasaplanýardy.

Ölümden gutulmak üçin öndüriji zähmedi pes derejede bolsa olar maşgala eýeçiliginde saklanýardy. Hemmeler bir üçin ýeke hemmeler üçin şygar ýöredilýärdi. Tutan awuny deñ paýlaşardylar. XVIII asyryñ

ahyrlarynda buşmenleñ durmuşuny synlaýan etnograf D. Barrou, ol taýpada deñlik höküm sürýärdi diýip belledi. Onümçilik endik barha çylşyrymlaşandan soñra hojalykda iş paýlanyşyk talap edilýär. Netijede, mezolite erkekleñ, aýallaryñ arasynda zähmet paýlanşygy başlanýar. Gazaply tebigatyñ garşysyna göreş ilkidurmuş jemgyýetinde erjelligi, ukyplylygy we ätiýaç üçin saklanýan gory ýöretmek gerekdi. Hatda kä ýerlerde aborigenlerde (ýerli ilat) Awstralýada, Demirgazyk eskimoslarda infantizid (çagalary esasanam gyz maşgala) gerontisid (garrylary) erkeklere iýmiti ýetirmek üçin oldürýärdiler. Jemgyýet ýaşy boýunça üçe bölünýärdi: garrylar, işeññir erkekler we aýallar, çagalar. Olaryñ hersiniñ jemgyýetde öz hukuklary we borçlary bardy.

1) Zähmet borjy
2) Iýmit almak üçin hukuklary
3) Urugyñ ýygnagyna gatnaşmak
4) Nika gatnaşyga girmek

Şol hatarda çagalar urşa we ýygnaklara gatnaşmaýardylar. Garrylar urugyñ däp – dessurlaryny saklamakda we ynançlary ýerine ýetirmekde borçlydyrlar. Urugyň durmuş tejribesi hem köp bolandan soñra hormatlanýardy. Işeññir erkekler: awçylyk, balykçylyk we zähmet gurallary ýasaýardylar. Zenanlar bolsa: esasanam tebigatyñ beren miwelerini ýygnamak bilen, nahar bişirmek, geýim – eşik tikmek, çagalara terbiýe bermek ýaly işler alyp barýardylar.Ýaşlaryñ uly topara geçmek şerti hem däp – dessurlar bilen bagly. Olaryñ esasy nika durmuşyna taýynlyk däp – dessury. Meselem: sünnete ýatyrmak däplerinden soñ oña durmuş gurmaga razyçylyk berilýär.

Urug guramasy döredilmegi bilen ilkidurmuş jemgyýetde dual ekzogamiýa netijesinde nika döreýär, ýanny aýratyn institut – jynslaryñ arasynda gatnaşygy ýola goýulan. Soñra maşgala instituty döreýär.

Görnükli amerikan alymy etnograf L.G. Morgan maşgala formasyny bäşe bölýär:

1) Ganybir – nika gatnaşyk
2) Punalual (oglan doganlar bilen garyndaş däl gyzlar bilen nikasy)
3) Goşa (ykdysady tarapdan erkek bilen zenanyñ arasyndaky nika)
4) Patriorhal (erkek hökümdarlykly maşgala)
5) Monogamiýa – bir maşgala.

Ganybir we Punalual formasy bu toparlaýyn nika, goşa, Patriorhal we Monogamiýa formasy ýekelikde geçirilýär. Mezolit döwründe epigamiýa nikasyna geçirilýär. Ekzogamiýada dual urug toparlaýyn nikasynda zenan maşgala derejesi ýokary tutulýardy. Ýöne ösüşi saklaýan nikalar hem bolupdyr. Meselem: atasy gyzyny ýa – da oglan gyz jigisine öýlenmegi bolupdyr. Toparlaýyn nikalarda doganoglan gyzyna hem öýlenmek gadagandy. Şol pursatda goşa nikalar etmek bütinden bolmaýardy. Netijede, toparlaýyn nikalar uzaga çekmedi.

Käbir halkyñ däbinde toparlaýyn nika (poliondriý) dowam edýärdi, bir zenanyñ birnäçe adamsy bolardy, esasanam oglan doganlary.

Sororata (lat. Soror-bajy) erkek kişi birnäçe doganoglanyñ gyzlaryna öýlenip bilýär, lewrat forma nikasynda dul aýal öz adamsynyñ doganyna durmuşa çykmagy (bu däbi Kawkaz we Merkezi Aziýa halklarda hem saklanyp galan ýerleri bardygy barada habar berilýär). Toparlaýyn nikada hersi öz urugy bilen bolupdyr we jemgyýetçilik eýeçilikleri bolmandyr, çagalar bolsa enesine we onuñ urugyna degişlidi.

Morganyñ pikirine görä toparlaýyn nika mezolitden neolite geçiş döwürde ýüze çykan bolmaly. Toparlaýyn nika atalyk borjuny döretdi.Erkek kişi diñe ýaraga, zähmet gurala, awçylyk we balykçylyk esbaplara eýe bolardy.

Toparlaýyn nikalar iki tarapdan hem bozulyp bilerdi. Maşgala emlägi diñe aýala geçýärdi. Netijede, formasyz jemgyýetiñ ýerine durnukly urug jemgiýeti gelerdi, ondan hem taýpa emele gelerdi. Taýpa bölmek üçin şeýle şertler mahsusdyr:

1) Territoriýa
2) Ykdysady
3) Jemgyýetiñ ideologiýasy
4) Ýakyn gatnaşyk
5) Endogam
6) Özüñe öz dakan adyñ
7) Ýerli şiwe diller
8) Iş dolandyryş ulgamy
9) Harby guramasy netijesinde

Bu ugurlar urugyñ we taýpanyñ arasyndaky gatnaşygyñ netijesinde döreýär. Nikalaryñ gatnaşygy netijesinde iki hojalygyñ arasyndaky gatnaşygy berkediji, biri – birine medeni gymmatlyklañ täsiri, dilleriñ gatnaşyklary hem ýakynlaşdyrýar. Mezolit döwrüñ gelmegi bilen ýerli medeni ojaklar döreýärdi, olaryñ oturan ýerleri birigýärdi. Soñra olaryñ taýpalara öwrülişi emele gelýär. Ýöne olarda taýpa dolanşygy, mejlisi, serdary ýokdy. Ilkidurmuş demokratiýanyñ netijesinde urugyñ birleşmegi hojalyk meselelerini bilelikde çözýärdiler. Ol meseleleri çözmek üçin ökde, abraýly erkek ýada zenan maşgalalary ýolbaşçy edip belleýärler. Ýolbaşçylar urugyñ tertibini we hukuklaryny goraýardy.Olar günäkärlere hem jeza berip bilýärler. Awstraliýaly aborigenlerde eger –de jemgyýetiñ agzasy ýalñyşlyk etse ony jezalandyrylýar ýa – da urugdan kowup çykarylýar. Dil hem tebigaty, haýwanat dünýäsini hem atlandyrylýar. E. Ellenberg, buşmenleñ geografik ýerlerini gowy bilerdi. Gowaklary, geçelgeleri, ýabany haýwanlaryñ geçelgelerini göz astynda saklapdylar. Taýpada

adamlar döwük-ýenjik ýerlerini bejeriş usullary bilerdi, şol hatarda galan ýerleri, diş agyrsyny goparmak usullar. Meselem: gany saklamak üçin köz ullanypdyrlar, ýylan çakanda agzy bilen sorup awusyny çykarýar we ş.m. Olar oduñ üsti bilen biri – birini uzak ara habar ýetirip bilipdirler. Piktografik usul bilen öz içki duýgularyny beýan edýär. Aýdym – saz we tanslar hem olary biri-birini ýakynlaşdyrýar. Saz ilki wakal görnüşinde, soñra bolsa saz gurallar (naý, dep, tüdük...).Tanslar ilki durmuşdan alnan hereketler, soñra zenan, erkek, harby, awçy hereketler ulanylýardy. Rowaýatlar hem düzülýärdi, onda hem arzuw eden gahrymanyñ keşbi wasp edilýär. Adamlar tebigatdaky bolýan nohsanlary düşündirjek bolýarlar bu hem ugurda diniň döremegine getirýär. Tebigata adamyñ sypatlary salýardylar. Meselem: totemizm, animizm, feteşizm, jadygöýlük.

Totemizm doly derejede Awstraliýada gowy orun tutupdyr. Urug bir haýwanyñ adyny göterýärdi. Olar şol haýwana kenguru ýa-da totyguş bolsun sarpa goýardylar. Her urugyñ keramatly ýeri bolupdyr. Ol ýerde toteme degişli butlary saklapdyrlar we oña sežde edipdirler.

Animizm (lat. ruh) bu termini E. Teýlor tarapyndan ylmy dolanşyga girizdi. Olar ölileriñ ruhyna ýa-da haýwanlaryñ ruhyna sarpa goýardylar.Ölenleriñ ruhy täze inen çagalara hem girip bilýär diýip ynanýardylar.

Fetişizm adamlary daşa, gowaga, baglara, zähmet gurallara çokunardylar. Jadygöýlük bu ynanç adamlarda kömege mätäç bolmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Olar gutaljylygyny öz güýçlerine ynanmaýardylar, netijede diñe jadygöýlük olary halas edip biler düşünje bilen ýaşadylar.

## Giçki urug jemgyýetinde ekerançylyk we maldarçylyk ýagdaýy.

Giçki urug jemagaty oýkumenleriň bir böleginiň irki ýer işläp bejermegiň, beýleki bir böleginde ýöriteleşen ýokary derejede ösen awçylygyň, balykçylygyň we ýygnaýjylygyň öndürijilikli hojalygynyň kemala gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu basgançakda öndürijilikli hojalygyň kemala gelmegi ilkidurmuş ykdysadyýetiniň ýokary derejede ösmegine getiripdir. Munuň özi adamzat taryhynyň mundan beýläkki ähli sosial-ykdysady gatnaşyklarynyň berk özeni bolupdyr. Ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi synpy jemgyýetiň alamatlarynyň kemala gelmegine uly ýardam beripdir. Giçki urug jemagatynyň gazanan üstünlikleri esasan neolit zamanynda bolupdyr. Şonuň üçin şol üstünliklere "Neolit rewolýusiýasy" – diýilip, atlandyrylypdyr. Awçylygyň, balykçylygyň we ýygnaýjylygyň öz işlerine ýokary derejeli ýöriteleşmegi hojalygyň ösmegi üçin şert döredipdir. Ýöne olar belli bir derejede çäkli bolup, synpy jemgyýetiň öň ýanyndaky dereje bolupdyr. Ýokarky paleolit zamanynda itiň eldekileşdirilmegi amala aşyrylypdyr. Itiň eldekileşdirilmegi adamzadyň awçylygy ösdürmekligine belli bir derejede kömek beripdir. Iýilýän haýwanlardan ilkinji eldekileşdirilen haýwan geçi bolupdyr we azyk hökmünde ösdürilip ýetişdirilipdir. Iri şahly mallar hem soňra eldekileşdirilipdir. Haýwanlary eldekileşdirmek awçylyk tehnikasynyň kämilleşdirilmegi öndürijilikli hojalyga geçmegiň esasy şertleriniň biri bolupdyr.

Ýabany ösümlikleriň tohumlaryny ýygnap, ol tohumlary giçki urug jemagaty döwrüniň adamlary öz ýaşaýan ýerleriniň golaýynda ekmegi başarypdyrlar. Munuň özi bolsa ösümlikleriň medeniýetleşdirilmeginiň başlangyjy bolupdyr.

Dünýäniň dürli künjeklerinde ekerançylyk we maldarçylyk ýüze çykypdyr. Ekerançylygyň we maldarçylygyň kemala gelmegi öndürijilik güýçleriniň we beýleki

pudaklarynyň ösmegine giňişleýin ýardam edipdir. Esasan hem daş zähmet gurallarynyň ýasalyş tehnikasy has oňaýly derejede kämilleşipdir. Neolit zamanynda daşy has oňat ýalpyldadyp ýylmamak, burawlap deşmek we ýonmak has giňişleýin ýaýrapdyr. Ekerançylyk üçin tokaýlary çapyp, arassalap, ýerleri açmaklyk has öndürijilikli paltalary we teşeleri talap edipdir. Ýerasty daşlaryny işläp bejermeklige girişmek bilen daş gurallaryny öndürýän iri ussahanalar peýda bolupdyr. Ekerançylygy ösdürmek üçin diňe bir paltalaryň däl, eýsem beýleki zähmet gurallarynyň hem has kämilleşmegini talap edipdir. Ýygnaýjylar öz işlerinde hakyky kätmenleri we oraklary ullanmaklygy girizipdirler. Şeýle hem dänäni döwýän sokular we daşlar döredilipdir. Olar ýygnaýjylyk hojalygyny kemsiz ornaşdyrypdyr. Sadaja suw desgalary gurmaklyk ýüze çykypdyr. Muňa Alynky Aziýada we Täze Gwineýadaky arheologiki barlaglar esasynda üsti açylan sada suw desgalaryny mysal getirmek bolar.

Awçylyk, balykçylyk we ýygnaýjylyk nirede has inçe ugurlardan ýöriteleşen bolsalar, şol ýerde öndürijilik has ýokarlanypdyr. Gury ýerde aw etmekde gapanlar, duzak, deňiz awçylygynda has kämilleşen garpunlar (çeňňek), torlar ullanylypdyr. Gaýyklary hereket etdirmek üçin kürekler, ite tirkemek üçin saniler ýüze çykypdyr.

Öndürijilikli ýa-da ýokary derejedäki ýöriteleşdirilen ýaşaýyşa geçilmegi bilen giçki urug jemagaty döwründe ilat doly oturymlaşypdyr. Şonuň netijesinde ýaşaýyş jaýlary hem has uzak möhletleýin gurmak zerur bolupdyr. Ýagny ýarym ýerasty ýer doly ýaşaýyş üçin gurulyp ugralypdyr. Egin-eşiklerinden sütükli penjekler we guşaklar peýda bolupdyr. Neolit zamanynda sadaja dokmaçylyk ýüze çykypdyr. Ösümlik köklerinden we ýaprak baldaklaryndan biraz gijiräk bolsa, ýüň matalar dokalyp ugralypdyr. Öý hojalygynda täze iri hünärmentçilik – keramika önümçiligi ornaşdyrylypdyr. Keramikany diňe käbir jemagatlar giňişleýin ýaýradypdyr.

Şonuň üçin käwagtlar neolit zamanynda “Keramika asyry” – diýlip, atlandyrylypdyr. Keramika önümlerini bişirmegi hem başarypdyrlar. Keramikanyň bişirilmegi, iýmiti taýýarlamagyň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyna getiripdir.

Indi zähmet diňe bir jynslaryň we ýaş tapawutlary boýunça bölünmän, eýsem aýratyn adamlaryň hem-de has inçe ýöriteleşen görnüşde bolupdyr. Zenanlar keramika önümlerine gatnaşmak bilen öý işlerine iýmit taýýarlamaga, çaga seretmeklik ýaly işleri alyp barypdyrlar. Erkek adamlaryň arasynda hem zähmet bölünipdir. Ýaş gujurly adamlar has kyn işlerde, garry adamlar has çylşyrymly (tejribesi bolanlygy üçin) işlerde zähmet çekipdirler.

Jemagatlaryň we taýpalaryň arasynda hem zähmet bölünipdir. Ýagny aýratyn bir adamzat toparlary aýratyn zähmete gönükdirilipdir. Käbir jemagatlar ekerançylyga, käbirleri awçylyga ýa-da balykçylyga ýöriteleşipdirler. Şonuň netijesinde ol jemagatlar öz çig mallary bilen baglanyşykly mallary we iýmit azyklary alyş-çalyş etmek giň gerime eýe bolupdyr. Iri ekerançylar we ekerançy maldarlar dogrusyndaky maglumatlary diňe bir arheologiki barlaglar subut etmän, eýsem etnologiki maglumatlar hem oňa şaýatlyk edýär. Ýagny Günorta-Gündogar Aziýada, Afrikada, Okeýaniýada, Demirgazyk we Günorta Amerikada geçirilen etnologiki barlaglar olar dogrusynda giňişleýin maglumatlar berýär. Irki öndürijilikli we ýokary derejeli ýöriteleşen hojalygyň ösüşi, öňkisi ýaly, zähmetiň alnyp barylmagynda has berk ornaşdyrylmagyna getiripdir. Şu döwürde iýmit öndürmek bilen bir hatarda ony ýaýratmakda hem uly özgerişlikler bolup geçipdir. Azyk önümleri ilkibaşda ganybir we nika garyndaşlaryň arasynda deň derejede paýlaşylypdyr. Ýöne soňabaka ol zähmet esasynda bölünipdir. Köp hasyl ýygnan, maldarçylykdan köp önüm alan, awçylykda we balykçylykda has oňat önüm alan adam artykmaç önümlerini özüne alyp galypdyr, ýa-da öz islän adamysy bilen çalşypdyr. Artykmaç

azyk önümleriniň toplanmagynyň artmagy şahsy eýeçiligiň kemala gelmegine getiripdir.

Giçki urug jemagaty döwründe jübütleýin nika giňişleýin hereket etmegini dowam edipdir. Käbir önümçilik taýdan yza galak taýpalarda sororat (birnäçe aýal doganyň bir erkek adama durmuşa çykmagy, soňabaka ölen aýal doganynyň adamsyna gyz doganynyň berilmegi.) nika garyndaşlyklary bolupdyr. Ýagny ekerançylyk ýerlerinde zenan zähmetiniň ornunyň uly bolmagy ýokardaky görnüşdäki köpaýallygy talap edipdir. Erkek adamlaryň ornunyň ýokary bolan ýerinde bolsa, lewirat nika gatnaşyklary (birnäçe erkek adamlaryň bir gyza öýlenmegi) bolupdyr. Soňabaka ol dakylma adyna eýe bolupdyr. Giçki urug jemagaty döwründe hem öňküler ýaly nikadan öňki jynsy gatnaşyklar saklanyp galypdyr. Sebäbi gyzlar özleriniň çaga öndürip bilmäge bolan ukyplaryny subut etmeli bolupdyrlar. Toý däp-dessurlary hem kämilleşipdir. Öň är-aýal öz islegleri boýunça yglan edilen bolsalar, indi olaryň nikasy resmileşip, toý däp-dessurlary çylşyrymlaşypdyr. Ol däp-dessurlaryň esasy hem alyş-çalyş, ýagny galyň bolupdyr. Zähmet bölünişiginiň döremegi netijesinde, eger-de ata öz çagalaryny maddy taýdan üpjün etmegi öz boýnuna alsa, onda jübütleýin nika has berkleşipdir. Patriolokal jemagatlarda derejeli ykdysadyýetiň we sosial gatnaşyklaryň ösmegi bilen är-aýal ýa-da maşgala urugyň esasy bütewi bolmagyna öwrülipdir.

Giçki urug jemagaty döwründe önümçiligiň ösmegi we sosial durmuşyň kämilleşmegi ruhy medeniýet täze ösüşlere eýe bolupdyr. Ekerançylyk hojalyklarynda zerur bolan bilimler has kämilleşipdir. Meselem: Täze Irlandiýadaky meleneziýalar 14 görnüşli çörek agaçlaryny, bananyň 52 görnüşini ösdürip ýetişdirmegi bilipdirler. Papuaslar ekin ekilen meýdanlary arassalamagyň peýdasyna düşünip, ekiniň hasyly ýygnalandan soň onuň yzyna doňuz goýberipdirler. Maldarçylykda bilimler meselesinde hem käbir özgerişlikler gazanylypdyr.

Derejeli ykdysadyýetiň ösmegi bilen alyş-çalyşy amala aşyrmak üçin arifmetiki bilimler kämilleşipdir. Birnäçe papuas taýpalarynda alyş-çalyşda peýdalanmak üçin ýörite taýajyklar ullanylypdyr. Meleniziýanyň, Amerikanyň we Afrikanyň irki ekerançy taýpalarynda sanaşygy amala aşyrmak üçin birnäçe daşlar, balykgulaklar peýdalanylypdyr. Alynky Aziýanyň gadymy ekerançy taýpalarynyň ýaşan ýerleriniň palçykdan edilen şarlar konus şekilleriniň köp sanlysy tapylypdyr. Olar sanamakda peýdalanylypdyr. Olar ekerançylyk ýerlerini giňeltmek we suwarymly ekerançylygy alyp barmak üçin, emeli suw desgalaryny gurmak üçin geometriki bilimler ösüpdir. Giçki urug jemagaty döwründe küýzegärlik önümçiliginiň başlangyjy başlanypdyr. Bu bolsa himiýa ylmynyň başlangyjynda uly açyş bolupdyr. Urug jemagat bölekleriniň arasynda alyş-çalyş we harby hereketleriniň alnyp barylmagy topografiki hem-de geografiki bilimleriň, düşünjeleriniň kämilleşmegine getiripdir. Ugurlary görkezýän agaç kökünden, agaçdan we onuň gabygynydan ýasalan ilkinji karta peýda bolupdyr.

Giçki urug jemagaty döwründe şekillendiriş sungaty hem belli bir derejede kämilleşipdir. Haýsy-da bolsa bir aýdyň pikirleri beýan edýän teklipler peýda bolupdyr. Ýagny haýwanlaryň has aýdyň şekilleri peýda bolupdyr. Amaly haşam sungaty kämilleşipdir. Geýimleri, gap-gaçlary we ýaraglary bezemekde has ökdeleşipdirler. Bezeg şaýlary çylşyrymly görnüşe eýe bolupdyr. Eger-de irki neolit zamanynda küýzegärlik önümleri hiç hilli şekilsiz öndürilen bolsa, giçki neolit zamanynda olaryň ýüzüne diňe bir çyzylyp şekil çekilmän, dürli nagyşlar çekilipdir.

Neolitde giçki ilkidurmuş jemgyýeti ekerançylyk we maldarçylyk ösüşde baha berilýär. Başga bir ösüşde awçylyk, balykçylyk we tebigatyň beren miwelerini ýygnap jemgyýeti saklaýar.Olar biri-biri bilen bäsleşikde bolup ýokarky adamzadyň hünäri (ekerançylyk we maldarçylyk),

pes derejede saklanýan (awçylyk, balykçylyk...) hünärlerini üýtgemegine getirýär. Bu bolsa ilkidurmuş jemgiýetiñ ykdysady derejesini galdyrmagyna ýetirýär. Sosial-ykdysady derejesini ösmäge şert döredýär,azyk iýmitiniñ köpelmegine getirmegi netijesinde ilkidurmuş jemgiýetiñ synmagy täze ýokary jemgyýetiñ döremegine eltýär.

Neolitiñ döwrüni hronologik derejesini kesgitlemek kyn. Sebäbi, taryhyñ ösüşinde taýpalar daş asyryna dürli wagtda geçdiler. Meselem: ýakyn Gündogarda Neolit döwrüñ ösüşi b.e. öñ VI-IV müñýyllykda geçen bolsa Hytaýda V müñýyllygynda geçdi. Neolit döwründe tebigy we howa şertleri haýwanat (fauna), ösümlik (flora) häzirki şertler ýaly deñ derejededi. Ol döwürde adamlar daşdan ýasalan zähmet guraly hem ýokary derejede. Daşy kewşirlemekde tekizleme, ýylmama, ýalpyldatma, ýaldyratma,byçgylama, burup deşme ýaly usullar gurallañ kämilleşen derejesini görkezýär. Daşyñ hilini tapmak üçin adamlar gözlege çykýarlar. Angliýada, Fransiýada çakmak daşdan şahtalary hem tapyldy. Gural ýasaýan ussahanalar hem ýerleri tapylypdyr. Şolar ýaly çakmak daşy toplamak üçin şahtala Belarusiýada (Grodnens welaýatynda) tapyldy. Ol şahtada pahna görnüşinde gurallar, sugunyñ şahyndan ýasalan kerkiler, süñkden ýasalan piller, çyralar tapyldy. Neolit döwründe daşy täze usul bilen kewşirlemek derejesinde toýundan ýasalan gap-gaçlar, küýzeler tapyldy.Iñ möhüm zadyñ biri hem keramika ýüze çykdy.Hatda käbir alymlar ol döwre keramika asyr diýip at berdiler. Palçykdan işilen dürre ýa-da işilen bogulyk ýasap ony ýasalan küýzä dolardylar. Ol hem owadanlyk bererdi. Olaryñ hemmesi el bilen ýasalandy. Iýmiti otda taýýarlardylar. Keramika forma we owadanlygy bilen kesgitlenýär. Eger-de kulakçylyk ýola goýulan bolsa ol ýeriñ ilaty oturymlydy. Netijede şol ýerde ilkinji obalar dörändigi aýtmak bolýar. Giçki neolit döwründe

dokmaçylyk ýüze çykmagy hem uly üstünlikde. Süýümde ýüp ýasamak ýabany ösümliklerden (kropiwo, temmäki) alynardy. Soñra ýabany zygyrdan we ýüñden ýüplük taýýarlanmak balykçylyk hojalygyñ ösmegine uly täsir etdi. Olar ol ýüplüklerden tor taýýarlamgy öwrenipdirler.

Dürli ýurtlarda we dürli wagtda neolit döwrüne geçmelidi. Neolit döwrüne degişli ýadygärlikler Ýewropada we Aziýada biziñ eramyzdan öñ VIII-III müñýyllyklara degişlidi.

Türkmenistanda neolitiň irki döwri b.e.öň VIII-VI müňýyllyklar hasaplanýar. Meselem: şol döwre degişli tapyndylar Jebelde, Türkmenbaşynyň ýarym adasynda, Garagumda, Maňgyşlakda, Uzboýda tapylypdyr. Gadymy Horezmde Jaňbas gala (Kelteminar medeniýetine degişli) neolit döwrüne degişlidi. Kelteminarlar owadan paltalar, pyçaklar we okuň uçlary hem taýýarlapdyrlar. Kelteminaryň keramikasy Ural , Günbatar Sibir tä Öb we Ýeniseý derýalaryň kenarlarynda neolit medeniýetine çalym edýär. Pessejikdepe (Gökdepe etraby) tapylan diwaryň ýüzündäki freskalar Çital Guukda (Türkiýe) tapylan freskalar bilen çalym edýär.

B.e.öň IV-III müňýyllyklar giçki paleolit döwri başlanýar. Ilkidurmuş jemgyýetinde düýpli özgertmeler bolup geçýär. Dagyň eteginde ekerançylygyň ösmegi, sähralarda we çöllerde maldarçylygyň ösmegi ilkidurmuşyň ykdysady derejesiniň ösmegine getirdi.

Arheologiýa ylmy pudagyň ösmegi bilen monosentrizm teoriýasyny inkär etmegi başarypdyrlar. Bu teoriýa boýunça Aziýada ekerençylyk ösendigi we ondan hem dünýäniň başga ülkelerine ýaýrandygy nädogry çykardylar. Netijede, polisentrizm teoriýasyny öňe sürdüler. Ekerançylyk dürli ülkelerde dörändigi kesgitlendi. Bu teoriýany biolog N.J. Wawilow (1887-1941 ý.) tarapyndan ýola goýuldy. Ýöne köpüsi gadymy ekerançylyk ýerini Alynky Aziýa hasaplaýar.

Ol ýerden Kawkaza, Ortaýer deňzine we Merkezi Aziýa ýaýrawy bolupdyr. Türkmenistanyň topragynda oňa Jeýtun medeniýeti diýip hasaplaýarlar. Köpetdagyň eteginde 15 ýadygärlik şol medeniýete degişlidigini aňladýar. Jeýtunda we Çopandepede arpaň dänesiniň yzlaryny, öý haýwanlaryň (geçi, goýun, öküz, it) süňkleri tapylypdyr. Tapylan zähmet gurallary çakmak daşyndan ýasalandy. Tekizleme, burup deşme ýaly usullary hem ulanandygyny görmek bolýar. Ekerançylyga ukyply bolan hem zenan bolupdyr. Ol köp wagtlap aýallaryň käri bolupdyr. Olar gerek ösümlikleri ekipdirler. Meselem: Şalyň watany Indokitaý hasaplanylýar, mekgejöwen, kartoşka, günebakar, temmäki, kädi Amerika, Arap, Alynky Aziýa we Arabystan, bugdaý Aziýa, Demirgazyk Afrika we Ýewropa, kelem Günorta-Günbatar Ýewropa, çaý Hytaý, kofe Abbiziniýa, kakao Merkezi Amerika. Gadymy ekerançylyga degişli zähmet guraly kätmen hasaplanylýar. Neolitde guran dänäni sürtäp un alýardylar.

Irki neolit döwründe ýeriň köp ýerinde ilkinji maldarçylyk ýüze çykypdyr. Ekdi etmeklik haýwanlaryň içinde it soňra doňuz, goýun, geçi we uly şahly mal bolupdyr. Awçylyk bilen esasy erkekler meşgullanypdyr, ol hem maldarçylyk bilen baglydy. Neolitden soňky döwürlerinde ýerleşen ýerleri baýyrlaryň üstünde bolupdyr. Obaçylyklar kiçidi, hersinde 30 öýler bolupdyr, olar 1 otagly, biri-birine meňzeş bolupdyr. Jaýlar pagsadandy. Üçegi agaç bilen ýapylan. Diwarlaryny palçyk bilen suwardylar, poly hek bilen reňklärdiler, soňra reňkler bilen bezärdiler. Palçyga sypal goşardylar. Jaýlar penjiresizdi, gapylary dardy.

Ekerançylyk we maldarçylygyň döremegi adamyň uly ýeňşi diýip hasaplanýar. Sebäbi ol hojalyga azyk harytlar bilen üpjünçilik döredi. Ekerançylyk bilen meşgul bolýan hojalyklar oturymlydy. Irki urug jemgyýeti giçki urug bilen çalyşýar. Urug eýeçiligi esasy ykdysady baýlygy ýer hasaplapdyrlar.

Meýdan ekinler, awçylyk balykçylyk edýän ýerler uruga degişlidi.

Ilat sanyň ösmegi we köpelmegi bilen jemgyýet bölünişige ýetirýär. Ene topragy öz hojalygyny ýöredipdir. Meselem: Morganyň bellemegine görä Amerikadaky irokezler öý hojalygy bolupdyr. Olar bilelikde ýerde zähmet çekerdiler we umumy hojalygy ýörederdiler. Bilelikde hem hasylyny paýlaşardylar. Ene maşgalalar uzyn öýlerde ýaşaýardylar. Şonuň üçin zenanyň orny uludy. Irokezler özleri hem zenanlaň işeňňirdigini belläp geçýärdiler. Eger-de aýallar bolmasa biziň günümiz kynlaşýar, olar ekin ekýär, nahar taýýarlaýardylar. Aýallar hem urugyň, hojalygyň eýesidi.

Erkekler uly orun tutmaýardy, matriarhat döwründe olar pes derejede hasaplanýarlar. Giçki urug jemgyýetinde goşa nikalar we maşgalalar bolupdyr. Şonda hem aýalyň derejesi uludy. Gyz doglanda oglan doglan ýaly hasaplaýardylar. Etnografiýanyň berýän maglumatlaryna görä urug taýpa guramasy neolit döwründe ösüşe mynasyp boldy. Olar birleşýärdiler we Fratriýa (doganlar) döredýärdi. Fratriýanyň içindäki uruglar doganlar hasaplanýardy. Eger-de taýpalar arasyndaky serkerde biri ölse, onda harby serdary saýlamakda pikirler dürli-dürli bolýardy. Irokez taýpalaryny öz ýerlerine at bererdiler. Öz dili we ynanjy bolardy. Taýpaň mejlisi ýaşulylardan saýlanardy. Mejlisde 1) uruglaryň arasyndaky gapma-garşylyklary çözerdi; 2) taýpalaň arasyndaky gatnaşygy garalardy; 3) ýygnakda urugyň ýaşulularyny we serdarlaryny saýlardy; 4) ilçileri kabul ederdi; 5) urşy we parahatçylygy yglan ederdi; 6) uly söweşlerde ýolbaşçylyk ederdi.

Taýpaň agzasy mejlisde öz pikirini aýdyp bilerdi. Giçki urug jemgyýetinde taýpa dörärdi. Ýöne ykdysady sosial meseleleri urugy mejlisi çözerdi. Diňe şol gurama ilkidurmuş adamlary tebigy kynçylygy ýeňmek üçin kömek ederdi.

Önümçilik işleriň kynlaşmagy zerarly adamlar ekerançylyga uly üns berip başlaýar. Meselem: Täze Irlandiýada Melanezler 10 dürli ösümlikler, 14 dürli çörek baglary, 52 sany dürli bananlary ýetişdiripdirler. Irokezler 11 dürli görnüşde mekgejöweni bilipdirler. Maldarçylykda seleksiýa geçirip täze tohum mallary almagy gazanypdyrlar.

Amerika, Afrika we Okeaniýa halklarda sanawaçlar hem üçze çykypdyr. Olar zaman bölejikler, daşjagazlar, ýüplükler olara balykgulak geýdiripdirler. Tipografiýanyň we geografiyanyň ösmeginde adamlarda kartalar döredipdirler. Olar agaçda we deride hem bellik edipdirler. Piktografiýa hem ýüze çykýar. Meselem: Indeýler dilewar taýpasynda „Gyzyl ýazgylar“ diýip atlandyrylýar. Onda 184 surat çekilen. Soňra olar eşiklerini, ýaraglaryny hem bermegi başarypdyrlar. Halk döredijiliginde tans, sazlar ösüp başlaýar. Diňe irokez taýpasynda 30 gowrak tanslar bolupdyr. Dini hem çylşyrymlaşýar. Dualizm hem ýäze çykýar. (Gowy erbediň arasyndaky göreş). Gowy ynançlar esasan: haýwanlar, ösümlikler, gökdäki ýyldyz, gün...

Ekerançylyk bilen meşgul bolup başlanda adamlar güne, ýere ynanardylar. Sebäbi hasyllyk tebigat bilen bagly. Irokezleriň 6 baýramyndan 4-si ýer bilen bagly. Neolit döwründe aýal kulty saklanýar. Köplenç tebigatyň ruhy zenan sypatynda getirilýär. Ene toprak hem ene bilen bagly. „Zan, zär-zemin“ hem şonuň üçin bolmagy gaty ahtimal.

## Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy

Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagynda artykmaç önümiñ emele gelmegi bilen bagly. Ony gazanmak üçin adam adamy işletmek bilen bagly. Bu hojalygy dolandyrýanlañ ösüşi

netijesinde:senagatyñ we senetçiligiñ ösmegi, alyş-çalyş ýagdaýy hasaplanýar. Käbir alymlar bolsa ilkidurmuş jemgyýetiniñ dargamagyny daşdan demire geçmegi bilen bagly. Ýöne bu hem ýalñyş hasaplanýar, öwrülişigi hojalygyñ özünde görmek bolýar. Meselem, ekerançylykda:

1. ulanylýan ýerleri işläp bejermek
2. düme we suwarymly ýerleri gowulandyrmakdan ybarat ekerançylykda bu usullar jemgyýeti azyk harytlar bilen doly üpjün edýärdi we ondan hem artykmaç girdeji hem gazanardy. Ekerançylygyñ ösmeginde goşmaça önümi mala hem geçirip, maldarçylyk derejesini hem ýokarlandyrýardy. Haýwanlary tirkeg mallary hökmünde ulanýardy we maldarçylygy ösmegi hem alyş-çalyş eder ýaly ulanardylar. Mallaryñ köpelmegine öri otlugy ulanmaly bolýar. Ol hemişe öri meýdanyñ gözleginde bolardy. Oturymly taýpalar ýarym çarwa hojalyga geçerdi. Netijede taýpalar hem ekerançylyk hem maldarçylyk bilen meşgul bolardy. Çarwa maldarçylar giñden günbatar, Orta we Merkezi Aziýada, Demirgazyk Gara deñziñ kenarlarynda Powoljiýe, Günorta Sibir, Demirgazyk we Gündogar Afrika we ş. m. Demirgazyk Amerikada ýa-da Alýaskada indeýler balykçylyk bilen meşgul bolardy. Zähmet guraly ýasamakda adam ilki mis ulanyp başlapdyr. Ol gurallaň ýaýramagy bilen döwre eneolit diýip at beripdirler. Bu daş asyr bilen demir asyryň aralygynda ýüze çykýar. Ol döwre hem halkolit (daşly mis) asyr diýip atlandyrylýar. Misi özleşdirmekde tehniki ösüş bilen bagly.

Adam daş gözläp mise hem duşýar, erkin ýüzünde olaň sany diýseň köp duş gelýär. Ondan ýasalan gural daşdan hem ýitiligini berýärdi. Olar çekişläp süýüme usul bilen misden gurallar ýasaýardylar. Soňra gyzgyn otda misiň ereýändigini görüp gurallary guýup ýasamakda taýýarladylar. Misden ýasalan zatlar Kiçi Aziýada b.e.öň VII müňýyllykda tapyldy.

Türkmenistanda Jeýtun medeniýetiniň ýerine irki eneolit medeniýeti geçýär. Meselem: Änew-1, Namazga-1 ýaly ýadygärlikler subut edýär.

Eneolit jaýlaşdyrma ýerleri esasan Gyzylarbatdan başlap tä Tejen derýasyna çenli uzalyp gidýär. Ol ýerden metaldan ýasalan gurallar tapylypdyr. (inbagjyk, naýzalaň uçlary, kiçi göwrümli bezegler) Ýöne şonda hem çakmak daş esasy orun oýnaýardy. Netijede Türkmenistanda hem eneolit döwrüni „daşly-mis“ döwri hasaplanýar. Ýöne Türkmenistanyň topragynda mis seýrek duşandan soňra daşdan ýasalan gurallary çalşyp bilmediler. Daş diňe adamlar demir tapandan soňra, ulanyşdan galyp başlady. Bürünç we demir ösüp dürli ýerlerde bir wagtda döremedi. Iň ýakyn Gündogarda b.e.öň V-IV müňýyllygynda, I müňýyllygynda Aziýa, Ýewropa, Demirgazyk Afrikada giňden ulanyp başlaýar. Amerikada Okeaniýa we Awstraliýada demir taýýarlamagy XV-XVI asyrlarda ýewreýleriň gelmegi bilen belli boldy.

Demirden bezeg üçin taýýarlan zat Müsürde b.e.öň IV müňýyllykda belli boldy. III müňýyllykda bolsa Mesopotamiýa we Kiçi Aziýada.

Türkmenistanda bürünjiň ýerine demir gelmegi b.e.öň I müňýyllygynda bolup geçipdir. Demirden ýasalan gurallar ewolýusiýasynda uly orun tutupdyr. Olar demir palta bilen tokaýlary arassalapdyrlar. Gara deňziň kenarlarynda skifler hem demir asyry b.e.öň VII asyrda belli boldy. Ol barada ýazuw agtaryş işlerinde demirden ýasalan tapyndylar şaýatlyk edýär. Harby skiflerde kellä geýilýän şlemler bürünçden bolanlygy, gylyçlary demirden taýýarlan uçlary hem demirden bolanlygy tapyndylar habar berýär.

Skiflere medeni ýakynlygy çarwa sarmat taýpalary hem bellemek gerek. Olar Ural, Wolga sähralarynda göçüp

gonupdyrlar. Bu hem olaryň jemgyýet urug gurluşynyň dargamagyna getirdi. Ýöne olar döwlet gurmaga ýetişmediler.

Günorta we Altaýda b.e.öň IV-III asyrlarda demir taýýarlamak usuly soň çykdy. Günbatar Ýewropada demir asyr 2 döwre bölünýär. Galştad (B.e.öň 900-500 ý) we laten (b.e.öň 500-dan b.e. başlaryna çenli) 1. Häzirki Awstriýa, Balkan ýarym adasy, ony döredenler ellistler we keltler (Günorta Germaniýa we Günorta Fransiýa) Golştad döwri hem zähmet gurallary demirden ýasalanlygy şaýatlyk edýär.

V asyryň başlarynda latyn medeniýeti we onuň ösüşi Rimleriň basyp almagy bilen durýar. (b.e.öň 56-54 ý.)

Latyn döwürde Ýewropada demiriň ýaýramagy giň boldy. Senet ösýär. Zergärçilik, demirçilik senedi hem ösýär. Oba hojalyga degişli iş gurallar (orak, erdemir...) ýasalyp başlaýar. Sezaryň Ýewropa Gallaň üstüne çozmagy bilen Latyn medeniýetini Rim medeniýeti ýerine geçýär. 300 ýyl soň irki demir asyryň ahyrynda german we slawýan taýpalaň medeniýeti ýokary galýar.

Netijede ilkidurmuş jemgyýetiň dargamagyna hojalygyň dürlüligi ýüze çykmagy. Daýhanlaý we maldarlaý bölänmegi ykdysady tarapdan düşünje bolar. Derýalaň sähralarynda ekerançylyk bilen meşgul bolýan hojalyklaň ýaýrawyny görmek bolýar. Dag eteklerinde we sähralarynda maldarlary tokaý zolaklarda awçylyklaň ýaýramagyny goramak bolýar.

## Hususy eýeçiligiň, synplaryň we döwletiň döreýşi

Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagyna sebäp bolanlaň hatarynda hususy eýeçiligiň döremegi synplaň we döwletiň emele gelmegi bilen bagly.

Hususy eýeçiligiň ýüze çykmagynda ilkidurmuş jemgyýetinde ýokarlandyrmagy bilen bagly. Meselem: 1) öndürijilikli zähmetiň ýokarlanmagy we hünär ussatlaryň ýüze çykmagy önümçilikde dürli ugurlara bölünişine eltýär. Bu bolsa goşmaça önümi taýýarlamagyna eltýär. 2) Önümçiligiň ösmegi we zähmet ussatlary tarapyndan zähmetiň netijesine artykmaç önümleri satuwa çykarmaga şert döreýär. Ilki hususy eýeçiligiň ösmegine artykmaç önümleriň ýüze çykmagy şol hatarda senetçileriň önümi, zähmet we ýaraglar, mallary atmagy hem ýardam etdi. Soňra hususy eýeleriň baýlygy artmak bilen bolýar. Hususy eýeçiligiň eýesi bir adam oturardy, olaryň möhri bolardy. Möhürler gadymy Müsürde, Alynky Aziýada, Gresiýada hem tapyldy. Maýrukda 11 metr çuňlukda jaýlanan erkek kişide köp gyzyldan ýasalan şaý sepler kümüşden küreler tapyldy. Goňşy warwarlarda 2 sany zenan maşgala olar hem şaý-sepleri gyzyldandy. Bular ýokary gatlagyň adamlary hasaplanýar.

Hususy eýeçiligiň döremegi jemgyýetçiligi bilen bäsleşikde bolupdyr. Jemgyýetçilik döräň baý maşgala jemgyýetiň emlägine hem el urardy. Meselem: serdarlar olar jemgyýetiň baýlygyny goraýan adamlardy. Käbir baý maşgalalar abraý gazanjak bolup öz baýlyklaryny myhmanlara paýlapdyrlar. Şeýdip jemgyýetde ýokary wezipä galypdyrlar. Meselem: Käbir Afrika halklarda we Meloneziýada maşgala jemgyýetinde degişli ýerleri eýelemegi başarypdyrlar. Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy bilen gadymy (b.e. II asyrynda) germanlarda hususy eýeçilik ýola goýlan. Önümçiligiň ösüşinde täze iş güýçler talap edilýär. Şol hatarda ýesir düşenler hem şol işlerde ulanylýar. Soňra olar gullara öwrülýär. Netijede synply jemgyýetiň öň ýany gullar döreýärdi. Olar dürli hyzmatlary ýerine ýetiripdirler. Öýlerde zenanlara kömek berýärdiler, odun taýýarlaýardylar, suw daşaýardylar.

Gul birnäçe ýyl hojaýynda işläp azatlyga çykardy we taýpaň agzasy ýaly ýaşardy.

Jemgyýetçilik önümçiliginde ösüşinde gullaryň sanybarha artyp başlaýardy. Aýratyn taýpalarda meselem demirgazyk günbatar Amerikadaky indeýlerde gullary öý ýa-da gämi ýasamak, balyk tutmak, gämilerde küreklemek ýaly işlerde ulanypdyrlar. Gullaryň hukukllary üýtgäp başlaýar. Olar hususy eýeçilikden mahrumdy. Olary tapawutlandyrar ýaly saçlary syrylgy bolmalydy. Netijede öý guly önümçilik gula öwrülýärdi, jemgyýetde olaryň hukuklary ýokdy. Uruşlar bolsa täze gullary döredýärdi. Gullary hem satuwa çykaryp başlanýar. Netijede gul eýeçilik jemgyýeti döreýär. Meselem, kiçi hojalyklar öz-özlerini ekläp bilmese olar karz alyp kynçylygy ýeňmek isleýärdiler, ýöne ol başarmansoň bergiden çykyp bilmän gula öwrülýärdi. Harby talaňçylyk hem hususy eýeçiligi baýatýan usulyň biri bolupdyr. Ol usul köp ýerde görmek bolýar. Netijede gul eýeçilik jemgyýeti ýüze çykýar. Onda gullar we gul eýeleri 2 synp ýoly biri-birine garşydy. Hindistanda kasta hökmünde bölünen: barahmanlar, kzatriý, waýşýa, sudra. Soňky 3-lik ýokarka boýun bolmalydyrlar.

Giçki ilkidurmuş jemgyýetinde erkekleň öýleri bolupdyr, ol ýerde hem ýygnaklaryny geçiripdirler. Ol jemgyýetiň dargamagy zerarly olar öz merkezi toparlaryny döredipdirler. Soňra olar baýlara öwrülýärler. Ol topara girmek üçin pul goýumy etmelidi. Soňra olar uly wezipelere çekilmäge hukuk gazanardy, öz hususy eýeçiligini gorag tapardy. Soňra ol guramalar jemgyýeti saklamaga hukuk alardy. Dürli uruş bilen ýa-da parahatçylyk bilen şertnamalary çözmäge gatnaşardylar.

Erkekleriň gizlin birleşigi Günbatar Afrikada, Okeaniýada, Indoneziýada, Amerikada bellidi. Olar Ýewropa halklarda bellidi. Gadymy grek, rimlerde, keltlerde, germanlarda, hytaýlarda, Merkezi Aziýa halklarda ýazuw

çeşmeler habar berýär. Şol sanda zenanlaryň birleşigi (Okeaniýa, Günbatar Afrika, Demirgazyk Amerika) bolupdyr. Ýöne olar erkekleriň birleşigi ýaly däldi. Meselem, britan keltlerde harby ýolbaşçy aýallar bolupdyr. Erkekleriň birleşigi parahatçylyk ýa-da uruş wagtlarynda serdarlary taýýarlap bererdi. Netijede ol birleşigiň abraýyny berkiderdi. Urug taýpalaň ýerine ýetirijilere aristokratlar hem aýdylýar. Oňa gulluk edýänler hyzmatkärler, söhbetdeşler, penakärler daşynda bolýarlar.

Harby serdarlar dürli gatlaklardan bolup bilerdi. Olar öz harby toparyny düzederdiler. Urug ýolbaşçylar ýuwaş-ýuwaşdan serdarlara boýun bolardy. Serdarlaryň ornuny dindarlaryň tutan ýerleri bolupdyr. Olar urug aristokratiýanyň we ýönekeý ilatyň arasynda köpri bolardy. Dindarlar hem serdarlara jemgyýetiň urug demokratiýasyny döwmäge kömek bererdi. Jemgyýetde özüde bolmagy üçin serdaryň wezipesi miraslyga saklamalydygy. Soňra ol hana-patyşa öwrülýärdi. Onuň golaý hossarlary oňa kömekçi bolardylar. Käbiri bolsa welaýatlarda dikmesi hökmünde hereket edýärdi. Söweş wagtynda olar özlerine gowy ýerleri we baýlyklary alardylar. Netijede harby demokratiýa döreýär. (Timokratiýa) Morganyň bellemegine görä şol jemgyýetde demokratik hökümet saklanýardy: halk ýygnagy, ýaşulularyň maslahaty, halk ýygnagyna diňe harby esgerler gatnaşyp bilýärdi. Syýasy guramanyň ýene-de bir zady görkezmek bolar. Olam salgytlar tölemek. Öňler salgyt meýletin bolan bolsa indi hökmany suratda tölemelidirler. Jemgyýetiň ülkesi hem administratiw bölünmegi hem meýdanyň giňeýändigi aýdylýar.

Damja ýüzünde ilkidurmuş guramasy dargamagyndan soň harby demokratiýa ýüze çykýar. Gomeriň döwründe gadymy greklerde we etruslarda (demirgazyk Italiýada) gadymy Rimlerde, skiflerde, keltlerde, germanlarda hem harby demokratiýa bolupdyr. Olar dessine döwlet gurluýyna eltmeýär.

Ilki harby demokratiýanyň tertibi soňra edaralar döreýär. Halk döwlet dolandyryşyndan aýrylýar. Netijede harby hökümetiň harby serdaryň eline geçýär. Soňra ol patyşa han, soltan, halyf adyny göterýär. Ol hemme ykdysady ulgamyny öz elinde saklaýar we ony goramak üçin syýasy gurama döredilýär. Oňa bolsa döwlet diýip at berilýär. Sosial gatnaşykda düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär. Ekerançylyk erkekleriň eline geçýär. Maldarçylyk bilen hem diňe erkekler meşgullanýar. Hindistanda, günorta Afrikada aýallary haýwanlaryň ýanyna gelmegi gadagan edýärler. Netijede:

1) zenanlar jemgyýet işine gatnaýmaly däldi.
2) Hemme jemgyýetde, maşgalada erkek kişi ýolbaşçydy, zenan oňa boýun bolmalydy.
3) Erkek kişi öz eýeçiligini öz ogluna geçirmelidi.

Ol hukuklar öň zenan maşgala hem göterýärdi. Netijede ýokarda aýdylan zatlar matriarhatdan patriarhata geçenligini subut edýär. Netijede zenan maşgala diňe erkege boýun bolmaly diýip, öz ugrundan hem üzňe bolýar. Onuň üçin terki dünýälik başlaýar. Musulmanlarda zenany terk etmek şerigat kanun bilen berkidilendir. Netijede jemgyýetiň ykdysady jemgyýetçilik we ideologik tutuşlygyna erkekleriň eline geçýär. Ýöne muňa garamazdan käbir taýpalarda meselem, Hindistanda, Demirgazyk Amerikada, Indoneziýada uly ene maşgalalar saklanyp galypdyrlar we olaryň ygtyýarynda miras bermek hukuklary saklanypdyr. Meselem, Sumatra adasynda (Indoneziýada) aýallar hem zatlar bilen meşguldy. Hemme eýeçilik onuň elindedi, erkekleri işe ugratmagy we olaryň işleri gyzyklanmagy hem gözegçilik edýärdi. Erkek kişiniň gyz doganlarynyň çagalaryny eklemek we terbiýe bermekden ybaratdyr, onuň çagalaryny bolsa, aýalynyň erkek doganlary seretmelidi.

Gadymy Müsürde ene tarapdan nesil yzarlanýardy. Netijede faraonlar öz gyz doganlaryna öýlenerdi,

netijede olaryň çagalary aýal tarapdan hem miras ýörederdi. Demir ýaraglar doly ulanylan mahaly ekerançylyklda, senetçilikde, maldarçylykda jemgyýet dolandyrmagy bir maşgala başardýar. Bileleşip zähmet çekmek hökmany derejede pese düşýär. Netijede:

1. Hususy hojalyk we hususy eýeçilik ýüze çykýar.
2. Goşa nika maşgalalar ýeke berk maşgala geçýär.

Bu maşgala monogamiýa diýip atlandyrylýar. (monos-bir, gamos-nika

bir nikalyk) indi erkek kişi öz mirasyny öz çagasyna geçirip bilýärdi. Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy bilen nikalar 2 tarapdan hem razyçylyk bermelidiler. Kä taýpada galyň meselesi uly bolandan soňra ol öz garyndaşyndan gyz alardy. Ol nika bolsa ortakuzen nikalary diýerdiler. Olar 2 hili:

1. Ýakyn bir ene-atadan oglan-gyzlaň arasyndaky nika.
2. Kä halklarda gyz doganlaň çagalarynyň arasyndaky nika gatnaşyk.

Orta Aziýada däp-dessur boýunça olar şerigat kanunlary berjaý etmelidi.

Oňşukly düzgüne:

1. Adam erkek kişi gelin saýlanda ene borçlaryny ýetirip biljegini saýlaýar.
2. Kä çagalar jahasyndan miras ýöredýärdi. Oňa bolsa fiiaziýa diýýärler.
3. Garyndaşdan gelen miras ene boýunça geçýärdi.
4. Dogan-dogana geçýän miras hem kakasyndaky we ejesindäki

Ilkinji aýratyn maşgala patriarhal maşgala diýip hasaplanýar. Onuň 2 hilisi

bolupdyr. 1) Bir bitewi uly maşgala 3-4 arka saklanýar. 2) Köp taraplaýyn uly maşgala ol hem birnäçe öýlenen we öýlenmedik hossarlar bilen düzülen. Maşgalany ulular dolandyrardy ýa-da aýaly. Olar işi hem maşgalada paýlaýardylar we soň ony gözegçilik ederdi. Möhüm meseleleri (oýlanmak ýaly meseleleri) jemgyýetiň mejlisinde çözerdiler. Ol mejlise hem ulular girerdi. Agzalan uly maşgalalar Afrikada, Okeaniýada ýaňy ýakynda hem bolupdyr. Kiçi maşgala hem hususy eýeçilik agzasy bolupdyr. Maşgala başy maşgalanyň hususy eýeçiliginiň eýesi bolupdyr. Uly we kiçi maşgalanyň arasynda närazylyk bolýar. Netijede uly maşgala ýuwaş-ýuwaşdan kiçi maşgala boýun bolýar. Bu hem ewolýusiýa. Iş paýlanşykda ykdysady berk maşgalalar aýratynlygy isläp özbaşdaklygyny döretmäge geçýärler. Ýöne oňa başartmaýar. Sebäbi uly işler tokaý arassalamak, guýy gazmak, mallara iým taýýarlamak toparlaýyn zähmet çekmegi talap edýär. Goňşy (oba, ekerançylyk) jemgyýeti ýakyn gatnaşyk bilen bagly däldi. Bu ilkidurmuş ykdysady jemgyýet formasiýanyň soňky tapgyrydy. Oňa dualizm mahsusdy. Ýer jemgyýet eýeçiliginde saklanýar.

Netijede jemgyýet öz geçişinde 3 tapgyr geçipdir.

1. Ganybir ýa-da urug jemgyýeti
2. Ekerançylyk-uly maşgalalara degişlidi
3. Goňşyçylyk jemgyýeti.

## Nomadizm taryhy

Köne dünýä ülkelerinde (Ýewropa, Aziýa we Afrika) we Günorta Amerika ýerlerinde hojalyk toplumlaýyn ösüpdir. Ekerançylyk we şol hatarda maldarçylyk ösüpdir. Ilkibaşda mal köp däldi. Soňra döwrüň talaba laýyklykda olaň sany artyp

başlaýar. Neolit döwründe bir ýerde iri uşak mal bakylsa, başga ýerde iri şahly mal, üçünji ýerde doňuzlar bakylýardy.

Gadymy maldarçylyk ulgamy tapawutlydy. Irden mallary bakmaga öri meýdanlara iberilýärdi, agşam bolsa obada ýörite aýratyn mal ýataklarda, hatda öýlerde saklanýar. Diňe gurak ýerlerde tomus paslynda uzak ýerlere iberilýärdi. Maly esasanam ýaş ukyply oglanlar bakardy. Uly depginde ekerançylyk ösüşinde we hasyly bol wagtynda ýagdaý düýbünden üýtgeýär.

Ekerançylyk bilen meşgullanýan halklar öz işinde mallary hem ulanardy. Olary ýük daşamakda, ýeri sürmekde, ýeri ders bilen üpjün etmekde ulanýarlar.

Maldarçylyk ösüşi bilen bagly süýt önümleri, ýüň almak hem ýola goýlan. Şol sebäpli mallaryň hiline-de seredilýär.

Süýt sagmak käri golaý Aziýada, Dermirgazyk Afrikada we Ýewropada b.e.öň IV-III müňýyllyklara ýola goýulýar. Golaý Aziýada, Zakawkaziýada, Dermirgazyk Kawkazda, Günorta Polşada, Demirgazyk Italiýada öý haýwanlaryň içinde geçi, goýun hasaplanýar. Mesopotamiýada sygyr.

Süýtden başga adamlar malyň ýagyny iýmit hökmünde ulanypdyrlar. Häzir hem bu ýagdaý Gündogar Afrika ilatyň arasynda ulanylýar. Bu tejribäni gadymy Ýewropadaky maldarlar tä XVIII asyra çenli gowy bilýärdiler. Bu düzgün Irlandlarda we Şotlandlarda türki-mongol halklarda hem ulanypdyr. Maldarçylygyň bir önümi ýüň hem hasaplanýar. B.e.öň IV müňýyllyklarynda bu käri Aziýa halklary gowy bilýärdiler, olar tohumly goýunlar ýetişdirerdiler. Täze tohum mallar b.e.öň III müňýyllyklarynda Gresiýada we Şwesariýada ýetişdirerdiler. B.e.öň III müňýyllyklarynda ýüňden dokalan

matalar Günorta Türkmenistanda (Altyndepe), II müňýyllygyň başynda Günorta Sibirde, Hytaýda ýokary derejä galdy.

Köne düýäde domestikasiýa (haýwanlary öýdeleşdirmek) we tohumly haýwanlary (atlary, düýeleri, eşekleri...) ösdürmek usula girişdiler. Ýabany atlar (mustanglar) eneolit döwründen bäri Dunaý derýadan Günorta Urala, Günorta-Gündogar Ýewropada, Gara deňziň kenarlaryndaky sähralyklarda örýärdiler. Bürünç asyrda Gresiýada, Demirgazyk Italiýada hem bakylýardy.

Düýeler bolsa Baktriýa ülkelerinde (Türkmenistan we Eýran) ýetişdirilýärdi. Şol hatarda Arabystanda düýe malyna uly hormat goýýardylar. Olaň düýelerine dromedar (ikiörküçli) diýip atlandyrylýar.

Arabalara ilki öküzleri, eşekleri ulanýardylar. B.e.öň II müňýyllygynda Merkezi Aziýada düýeler hem ulanyp başlaýarlar. Şol döwürde Merkezi Aziýadan tä Italiýa çenli at tirkegini ulanardylar. Merkezi Aziýada bolsa Baktriýanlar (ikiörküçli düýe) ulanardylar. Iki tigirli ýeňil sobeş arabasy Müsürliler ulanýardy. Olar diňe uruşda ýa-da awçylykda at tirkärdiler. Soňra adamlar ata çykardylar, özem eýersiz çapardylar.

Jaýlary dag eteginde ýaşaýjylar megalitlerden gurardylar. Bu ilkidurmuş jemgyýetiniň dargan wagty bilen bagly. Günorta Gündogar Aziýada, Amerikada, Okeaniýada, Afrikada öz şahsyýetlerini jaýlarynda daşdan ýadygärlik galdyrardy. Ol daşlar uzakdan arabaň üstünde getirerdiler. Meselem, Lumba adada (Okeaniýada) 2 günüň içinde 535 adamlar 11 tonna bloklar 3 km. aralygy daşardylar. Iş tamamlanandan soň işiň eýesi toý ederdi. Agyr işde mallary ulanardy.

1. Aýratyn tohumly goýunlary ýetişdirmek
2. Haýwanlary öýdeçil etmek
3. Mallary täze usul bilen ýetişdirmek
4. Çarwaçylykda öri meýdanlary sürmekde tehniki serişde ulanmak
5. Adamyň ekerançylygy ösdürmegi
6. Mallary esetmek üçin şertleri üýtgetmek we ş.m.

Bularyň hemmesi mallary saklap ösmek üçin köne usul täze usula çalyşmalydy. Çarwaçylyk döretmek meselesi alymlaryň arasynda çaklamalar hem getirýär. Netijede,

Dünýäniň dürli ýerlerinde çarwaçylyk birden döremedi, onda dürli ýerlerde şertler itergi berdi.

Çarwaçylyk hojalygyň girdeýji almagy wajyp şertleriň biri bolupdyr.

Çarwaçylyk ugur ekerançylyk çarwaçylygyň esasynda ýüze çykypdyr. Özem dürli ýerlerde we dürli wagtda bolup geçýär.

Gadymy grekler çarwalary nomatlar diýip atlandyrypdyr. Käbir alymlar oňa aýratyn durmuş diýip düşünipdirler. Bu işe diňe bir erkekler dälde aýallary, çagalary hem işe goşardylar. Bu hojalykda ekerançylar ikinji orunda durýardy. Olar oturymly hojalyk bilen alyş-çalyş ederdi. Mallaryň ýerine ak we gök ekinleň hasylyna çalşardylar.

Eýranda çarwa maldarçylyk hojalygy urug taýpalary mysal bilen getirmek bolar. Olar gyşyna palçykdan ýasalan jaýlarda ýaşaýardylar we kiçi bölek ýerde ekerançylyk bilen meşgul bolardylar. Mallary gyşda gowakda saklardylar, ol

ýerde hem saman, ot hem basyp goýardylar. Ýazda däne hasylyny ýygnap, bugdaý çukurlarda saklardylar. Tomus günleri bolsa lurlar mallaryny baýyrlara çykarardy, ol ýerde wagtlaýyn çadyrlary dikip wagtyny geçirerdiler. Çadyrlaryny we öý goşlaryny geçirmek üçin eşekleri, gatyrlary ulanardylar. Suw gerek wagtynda guýulary ulanýardylar. Hatda kärizleri hem çekerdiler. Olaň iýmiti süýt önümleri, däne we ýabany ösümliler. Daglarda ol mal bakyş usula wertikal usul diýip at berýärler. Ilkinji usul ol hem seýrek mallary tekiz ýerde çöllerde bakyş usulydy. Käýerde öri meýdanlar ota baý, käýerde ygal az düşenden soňra takyrdy. Sähra zolaklarda kiçi şahly mallary we atlary bakmak gowudy. Meselem, galmyklarda, Demirgazyk gazaklarda we Günbatar Mongollarda agzalan mallary bakardylar. Iri şahly mallar uly göçüşlere ukyply däl mallar, ýarym çarwalara bakmaga amatlydy. Olar hatda ekerançylykdan galan iými hem mallara bererdi. Netijede dürli mallar tebigy şertlere görä bakylardy. Meselem, Ýewropa sähralarda at we kiçi şahly mal bakardylar. Merkezi Aziýada goýun, demirgazyk Afrikada, Arabystanda düýedarçylyk, günorta we gündogar Afrikada sygyr, Merkezi Aziýada daglyk ýerlerinde gäwişýän şahy uly haýwanlar-ýaklar. Demirgazyk halklarda sugun.

Bürünç asyrda orta Aziýanyň günorta etraplarynda oturymly ekerançylyk ilaty ýarym çomur, ýarym çarwaçylyk bilen meşgul bolardy.

Ýewropada çarwaçylyk hojalygy Hazar, Gara deňziň arasynda geçerdi. Olar ilkinji nomadizmiň dörän ýeri diýip hasaplanýar. Etnografik maglumatlaryna görä Hazar bilen Gara deňziň aralygyndaky toprakda nomadizm häsiýetli hojalyk bolupdyr. Onda 1) atlar we goýunlar öýleşdirilipdir, 2) arabalar giňden ulanylypdyr, 3) iýmit üçin süýt önümleri, ýüň eşik taýýarlamak, 4) synpsyz jemgyýetiň ösüşi, 5) goňşy bilen söwda etmek. Agzalan çäreler taýpa birleşigi amala aşyrýardy.

Ol taýpa guramysyny bolsa serdarlar ýolbaşçylyk edýärdi. Daşky gatnaşyk barada aýdanymyzda eneolit döwründe synpsyz jemgyýet hereket edenligi beýan edilýär. (esasanam Balkanda, Karpatiýada, Dnesdryň boýlarynda) görmek bolar. Olar Hazar deňziň aralygyndaky ilat bilen b.e.öň IV müňýyllykda gatnaşyk edipdirler. B.e.öň II müňýyllykda hem sähralarda çarwa hojalygy dowam edipdir. Maldarçylyk ýuwaş-ýuwaşdan ösmegine bat alýardy. Ol öri meýdanlaryň giňelmegi. Onuň territoriýasy tokaýlary çapylandan soňra hasam giňelýärdi. Sähralyklarda oturan ilatlar gündogardan günbatara göçüşlik başlanýardy.

Afrikada neolit döwründe çarwaçylyk ulgamy işlenendi. Ol ýerde çarwaçylyk bilen maldarçylyk, oturymly bilen bagly maldarçylyk bolandygy kesgitlendi. B.e.öň II müňýyllyklaryň II ýarymynda demirgazyk Afrikada otlar, täze tohum goýunlar ýetişdirilip başlanýar. Maldarçylyk hojalygyň düýbi tutulýar. Bir topar iri şahly mal, ikinji topary goýunlary, üçünji topary atçylyk bilen meşgul bolýar. Grek syýahatçysy Gerodotyň bellemegine görä oturymlylar gowy suwly mes ýerlerde ýerleşipdirler. Suw ulgamy hem ulanypdyrlar. Esasanam däne ösümlikler we üzümçilik bilen meşgul bolupdyrlar. Demirgazyk Afrikada çarwaçylyk durmuşy grekleriň täsiri netijesinde ýäze çykýar. Bu durmuş berberilerde hem giň gerim tutýar.

Gündogar Afrikadaky ýaşaýan taýpalara neolitler diýip atlandyrylýar. Olar hojalygyň (ekerançylyk, maldarçylyk) hemme tarapyndan ugruny alyp barýarlar. Tanzaniýada, Keniýada taýpalar maldarçylyk hojalygyna geçdiler. Gündogar Afrikada mazai taýpalary hatda ekerançylygyň miwesini iýmegi garşy durdular. II müňýyllygyň I ýarymynda Aziýa çöllüginde ilaty uşak we iri şahly mallary ýetişdiripdirler.

Demirgazyk Günbatar Hytaýda we Mongoliýada Günbatarda Günorta Sibirde gelendigi çaklanýar. Olaň medeniýetine „afanasýewler“ (Hakaziýada Afanasiý atlandyrylýan şäheriň ady bilen bagly) diýip belleýärler.

Şerte görä çarwaçylyk hojalygy dünýäniň dürli künjeginde ewolýusiýany şol tapgyrlaryny aýtmak bolar.

1. Ilatyň köpelmegi bilen ekerançylyk ýerleriň azlygy duýulýar.

Çarwa çomurlaryň jemgyýetinde kä toparlar ýüze çykýar. Olar hojalykda iş paýlanşykda onda hünärmenler bolup ýetişýär. Meselem, maldarçylyk hojalygyň ösmegi diňe ekerançylykdan daşyndaky boz ýerlerde ýüze çykýar. Bu ýagdaýy alymlar günorta Afrikada mysal bilen getirýärler.

Demir asyryň irki döwründe I müňýyllygynda topragy mesdi. Hojalygy hem ekerançylyk we maldarçylyga ukyply ýerlerdi. Ilatyň sanynyň köpelmegi netijesinde ýerler arryklaýar, netijede 2 müňýyllyklarda ilat täze ýerlere göçmek bilen bolýar. Şol ugur bilen maldarçylyk bilen ýaşan hojalyklar hem getirmek bolýar. 2.Ekerançylyk bilen alyp barýan hojalyklar mallar üçin bakylýan öri meýdanlaryň territoriýasy kiçelýärdi. Olar mallaryny diňe ekerançylyk işlerde ulanypdyrlar. Çarwalar bilen söwda edip olar mal satyn alýar. Meselem, demirgazyk gündogar Hindistanda apataniý taýpa maldarçylygy ösdürip, çomrylar bilen gatnaşykda bolýardy. Maldarçylyk hojalyklar gadymy Ýewropa, Aziýa sähralarynda, gadymy Müsür siwilaziýasy bilen gatnaşýan Nubiýa, Liwiýa, Peru, Boliwiýa atlaryny tutup bolar. 3.Çarwa çomur halklaryň hojalygynda hem uly ünsi maldarçylyga berilýär. Bu ugur esasanam nilotlarda, banty Afrika taýpalarynda görmek bolýar. 4.Çarwalaryň ykdysady ösüşinde awçylyk toparlar hem öz täsirini ýetirip bilýärler. Olar ýabany haýwanlary öýdeçi edip

mallaň sanyny köpeldip bilýärler. Bu ýol olaryň ugrudy. Ilkinji çarwaçylyk ilkidurmuş jemgyýeti dargamak bilen başlanýar. Bu hem jemgyýetde synplary ýüze çykarmaga ýardam edýär.

## Ilkidurmuş jemgyýeti we häzirki zaman dünýä medeniýeti (siwilaziýasy)

Ilki synply jemgyýet we onuň bilen bagly ilkinji döwletler gurulmagy hemme ýerde deň derejede bolmandyr. Geçiş döwri täze jemgyýete şert döretmelidi. Meselem, sosial, demografik we tebigatyň dürlüligi üýtgeşmäge pursat döremelidi. Bir tarapdan jemgyýetleň arasynda gatnaşyk bolmalydy. Gatnaşyklar hojalykda medeni derejeleri biri-birini tanatmakda ýardam edýär. Olar möhüm meseleleri çözmäge ýardam ederdi. Meselem, a) bitewiligi we medeniýeti saklamak, b) jemgyýetde sosial ykdysady ulgamy saklamak mümkinçilik döredýär. Derejeli deň däl jemgyýetleriň gatnaşygynda haýsy synply oňa merkez haýsy ilkidurmuş jemgyýeti „gura“ tanadýar. Netijede agzalan gatnaşyklar merkezi we gura başlanýan ýagdaýda birinjisi ýeňiş gazanyp onuň meýdany hem giňeýär. Merkezden uzakda atlandyrýan jemgyýet synply bolýar. Ol jemgyýetiň bäsleşigi ikä bölünýär.

1. „Opopoliteýnost“ ilkinji siwilizasiýanyň öň ýanynda ilkidurmuş jemgyýeti.
2. Sinpoliteýnost ilkinji siwilizasiýanyň döreýşinde saklanyp galan ilkidurmuş jemgyýeti.

Iň wajyp zatlaň biri synply jemgyýetiň ilkidurmuş jemgyýet bilen gatnaşygy. Netijede synply jemgyýet ilkidurmuş jemgyýete öz täsirini ýetirýär. Meselem, çarwalar çomry güýji bilen ýeňip biler, medeniýetinde bolsa ýeňler.

Ylymda german taýpalar günbatar Rim imperiýasyny ýeňip bilipdirler, ýöne rim hususy eýeçiligi täsiri boýunça irki feodalizm jemgyýete geçdiler. Harby ugur bilen täsiri ýa-da medeni gatnaşyklar gatnaýyklaň bir tarapyny görkezýär. Hojalyk gatnaşyklar öndüriji güýçleriň ösmegine getirýär. Zähmet gurallaň zähmete bolan ukyplylyk netijesinde amala aşyrylýar. Ynandyryjy maglumatyň merkezinde metal we keramika öndürişi öz täsirini ýetirýär. Sosial gatnaşyklar hem uly rol oýnaýar. Şol pursatda gatnaşyklarda hemme ilat gatnaşmagy ýa-da gyra gatnaşygy öz täsirini ýetiripdir. Gatnaşyklar toparlaýyn ýa-da elitar derejede hem öz täsirini ýetiripdir. Synply jemgyýetiň we ilkidurmuş jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklarda ilkinjileriň täsiri ýokary bolupdyr. Bu gatnaşyklary parahatçylykly we harby gatnaşyklara bolsa bolýar. Netijede gatnaşykda toplan göçüşlik hem ýüze çykýar. Göçhä göçüşlik harby gapma-garşylyklara sezewar bolýarlar. Parahatçylykly göçüşe bolsa „infiltrasiýa“ diýip atlandyrylýar. Meselem, Siriýa göçüp baran ilat, şol wagt grekler merkezden baranlar hem öz täsirini ýetirip bilipdir. Demirgazyk Afrikada öz koloniýasyny döredipdir. Mysal üçin: Müsüri ellinizmiň täsiri ýa-da Müsüri giksos taýpalary köp wagtlap hökümdarlyk etmegi. Netijede merkez synply jemgyýete öwrülmegi ösüşe ýardam edýär. Onda Antik döwri mysal bolup biler: gündogar hökümdarlyk, grek, rim gul eýeçilik dünýäsi. Netijede bu ýerde merkez hökümdarlyk derejesini saklaýar. Harby güýçleriň köpelmegi bilen dälde, sowala gatnaşyklar geografik zolagy ulanmagyna ýardam edipdir. Käbir pursatda merkezleň gyradaky söwdagärleň koloniýalar ösmege ýardam edipdir. Meselem, b.e.öň XII-VIII asyr beýik grek koloniýalaşdyrmak ýaly görkezmek bolar.

Grekler öz koloniýalary günorta Italiýada (Nepal), demirgazyk Afrikada (Nowkratis, Aleksandriýa) Gara deňziň kenarlarynda (Tomy, Halkedon, Wizantiýa, Fanagoriýa,

Kolhida, Fazis, Efpatoriýa, Feodosiýa, Odessa...) gurupdyrlar. Merkez öz ýaýrawyny giňeltmek üçin söwda ugruny ýola goýardy. Meselem, Ortaýer deňzinden Hytaýa çenli Beýik ýüpek ýoly gurmak we ş.m. Bu düzgün Orta asyrlarda hem gaýtalanýar. Günbatar Ýewropa beýik geografik açyşlar döwre çenli gönümel gatnaşyklardan çetdedi. Netijede gündogar we merkezi Ýewropa mongol basybalyjylar tarapyndan howp salyndy. Bu hem olaň ösen derejesini pese düşürdi. Synply jemgyýet merkezden ilkidurmuş jemgyýetiniň arasynda janly gatnaşyklar Alynky Aziýada, günorta Aziýadan we demirgazykda bolup geçýän meselem, ýakyn gündogarda iň ülkäniň ösen ýeri Yragyň hojalygyny ösmegine gündogar Afrikadan gelöän gullara mätäçdi. Netijede merkezden uzakda ilkidurmuş jemgyýet we onuň synply jemgyýeti goşanda bir wagtda sosial ykdysady ösüşine päsgel berip biler. Meselem, Ýewropa basyp alyjylyk hindi jemgyýetiniň arasyndaky gatnaşygy görkezmek bolar, ýa-da merkezden daşarda ilkidurmuş jemgyýeti merkezde ýerleşen synply jemgyýete hem ösüş tarapdan öz täsirini ýetirip bilipdir. Ýöne merkeziň gadymdan orta asyra geçmeginden ýokardaky gatnaşyklar ösmegine päsgelçilik edýändigi hem görkezýär. Beýik geografik açyşlar Ýewropa we Amerikan kapitalizmi ösmegine ýardam edýär. Kolonial ulgamyň ösmeginde merkezi we merkezden uzakdaky jemgyýetleriň gatnaşygyna hem öz täsirini ýetiripdir. Sebäbi Ýewropa basybalyjylar merkezden uzakdaky jemgyýet bilen işlemäge ýeňil diýýärdi. Meselem, Ýewropa azyk bolçulygyny mekgejöwen we kartoşkany merkezden uzakda ýetişdirip alýardy. XVIII asyrda „azyk harytlaň rewolýusiýasy“ diýip at aldy. Merkezden uzakdaky jemgyýet Ýewropa we Amerikadaky maýadarlaryň ösmegine ýardam edipdir. Ol jemgyýetlerden işçi gullar alynýardy. Günorta Afrikada gullaryň güýjüni giňden ulanýardy, ýerli ilat (aborigenler) koloniýalarda maldarçylyk hojalygy bilen üpjün edýärdi. Bu hem Awstraliýada we Täze Zelandiýada hem

görmek bolýar. Ýewropa ýurtlary (Ispaniýa, Portugaliýa, Niderlandlar, Angliýa) merkezden uzakda jemgyýet bilen gatnaşykdadylar. Öz gerdeninde olar gullar bilen merkezleri üpjün edýärdiler. Şol döwürde ortada durýalar uly gazanç edinýärdiler. Netijede Ýewropadaky kapitalistik döwletler günorta, günorta gündogar Aziýa bilen ýakyn gatnaşykda bolýar. Netijede gatnaşyk ulgamynda 3 topar görkezmek bolar: kapitalistik, feodalçylyk we ilkidurmuş jemgyýeti. Kapitalizmiň gelmegi bilen merkezden uzakdaky jemgyýet ölmek bilen bolýar. Meselem, 1) gönümel harby ýörişi netijesinde, 2) Ýewropalylaň ol merkezden uzaga kesel getirmegi, 3) olaň ýerlerine basyp almagy, ýerli ýer eýelerini agyr tebigat ýerlere göçürmegi, olary açlyga sezewar edilmegi.

Netijede merkezden uzakdaky ilkidurmuş jemgyýetiniň uzak saklanmagy olaň kapitalistik goňşylara gyzyklandyrmakda saklanmagynda. Meselem, indeý taýpalaň saklanmagy olaň deri, bagana girdeji bolupdyr. Merkezden uzakdaky jemgyýetden häzirki günlere çenli saklanmaga daşky täsiri bolupdyr.

1. Merkezi uzakdaky ýerlerde tebigy baýlygyň derejesi.
2. Merkezden uzakdaky ülkelerde kapitalistik jemgyýete möhümligi onuň ykdysady we strategik drejesidir.

Hemme belli merkezden uzakdaky ilkidurmuş jemgyýeti dargamagyň dürli ugurlaryndadyr. Käbirleri ol ýerleri geografiki tarapdan asla baryp bolmaýandygy hasaplanýar. Meselem, täze Gwineýada daglyk raýonlarda ýaşaýan papuaslar daş asyryň düzgüni bilen ýaşaýarlar. Amerikadaky indeýler, ýa-da Amerikadaky pigmeýler, buşmenler, merkezi Awstraliýadaky aborigenler hakynda

aýtmak bolýar. Ýöne olaryň wagtyň geçmegi bilen üýtgemäge tarap ymtylmagy görmek bolýar. Ýöne oňa wagt gerek. Synply jemgyýetiň döremegi 5 müň ýyl mundan ozal başlandy. Ind derýasynyň boýlarynda 3 müňýyllygyň ortalarynda Egeý deňziniň kenarlarynda 2 müň ýyl, kiçi Aziýada, Finikiýada, Günorta Arabystanda, Huanhe deýasynyň kenarynda b.e.öň I müňýyllykdan tä b.e. I müňýyllygy hasaplanýar. Ady tutulan siwilizasiýanyň döremegi ol ýerlerde ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy we synply jemgyýetiň döremegini aňladýar. Ýöne ilkidurmuş jemgyýeti hemme ýerde birden dargamady. Ol ýerde saklanyp galypdyr. Sebäbi: 1) synply jemgyýetde däp-dessur hökmünde saklanmagy, 2) merkezden uzakda taýpalarda ol düzgüniň saklanmagy.

Ilkidurmuş gatnaşyklar gadymy gul eýeçilik irki feodal döwletlere ösmegine päsgel berýärdi. Bu döwletler üçin ýönekeý patriarhal düzgünler hem öz päsgelçiligini berýär. Aziýa, Afrika we Amerikada irki synplar jemgyýetde jemgyýet eýeçiligi durnukly saklanýar. Kähalatda ol formany Aziýa önümçilik usuly atlandyrylýar. Feodal döwürde wagşy basybalyjylar täsiri netijesinde goňşyçylyk jemgyýeti dürli tapgyrlarda ösýärdi. Gul eýeçilikde feodalçylyk jemgyýetde uzak wagtlap uly maşgala saklanýardy. Gadymy Rim imperiýasynda oňa familiýa diýip atlandyrylýar.

Patriarhal urug gatnaşygyň geçiş formasynyň patronimiýa diýip atlandyrylýar. Bu bolsa uly maşgala bölünişiginde ýüze çykypdyr. Ermeni, gruzin, moldowan, ukrain, arap, bolgar patronimiýa tä orta asyrlara çenli saklanypdyr. Hatda galyndysy kapitalistik döwre çenli saklanypdyr. Käbir irki synply jemgyýeti örän haýal ösýärdi. Oňa sebäp özüni çetleşdirmegi hasaplanýar. Owganystandaky nurystanlylar, kawkazda daglyk halklar, pamirde täjikler, kürtler we ş.m. Şolar ýagdaý feodal döwletlerde sähra çarwa taýpalar. Çarwa maldarlarda urug taýpa bölünişigi uzak

saklanypdyr. Olarda harby demokratik guramasy höküm sürýärdi. Soňabaka uly maşgala, patronomiýa, goňşyçylyk jemgyýeti urugyň goňşyçylygyň biri-birine kömek däpleri üýtgemek bilen başlaýar. Höküm süren jemgyýet olary özüne tabynlykda saklamaga girişýär.

Synply jemgyýetde, esasanam şäher we çarwaçylyk şertde ilkidurmuş galyndysy saklanýardy. Meselem, ganalmak maddy öwezini doldurmak, myhmansöýerlik, doganokaşmak, atalyk, babalyk derejeleri däp-dessurlary görkezmek bolar. Nika maşgala däpleri, galyň köpaýallylyk, ýaşmakly gezmek ýaly ýöredilýärdi. Gadymy gündogar ýazgylarynda germanlarda, dini şerigat kanunlarda ganalmak (aralmak) düzgünler ýöredilýärdi. Meselem, 1) jogap berýän, ar alyjylar döretmek, 2) ar almak jerime bilen çalşyrylýar, 3) ar alyş parahatçylyk ýaraşyk bilen çalşyrylýar, 4) synply ylalaşyk, 5) ar almak üçin hukuk almak we ş.m.

Ar alyjylary döretmek däbi araplarda, albanlarda döredilipdir. Albanlarda bir zatdan geçenden soňra ar almaga başlanýar. Ilki urugyň içinde soňra bu däp maşgala geçýär. Şerigat kanuny ölüme, dine günäkäri çekerdi. Hammurapiniň kanunynda egerde jaý ýumrulyp eýesi ölse onda gurluşykçyny ölüme höküm edilýär. Egerde onuň ogly ölen bolsa onda gurluşykçy ogluny ölüme höküm edilýär. Gadymy hytaýda dinleriň arasynda şamanizm dini hem ýöredilýär. Ol din buddizmde lomaizm şahamçada hem getirilýär. Kapitalizm döwründe hem geçmişler hatardan çykarylýarlar, konstitusiýa-esasy kanun ynsanperwerlik derejede ýöredilip başlanýar.

## Goşmaça maglumatlar

Termin –adalgalar

Alluwial çökündiler-çökkütler

Atomizm-materiýanyň biçak owunjak bölejiklerden-atomlardan gurlandygy hakynda maglumat

Astral ynançlar-ýyldyzlara assmana çokunmak

Dioret-tapawutlandyrmak

Domestikasiýa-ellekileşdirmek

Keramika-ylaý

Gannibalizm-adam iýijilik, wagşy adamlar

Sahem-irokez urugynyň ýaşaýjylary

Owaçiry-irokezlarda öý jemgiýeti

Kultiwasiýa-ýer agdarmak

Endogannibalizm-urugda ölen serdarlary iýmek

Konfergensiýa-golaýlaşmak

Megalit-daşlardan ýasalan gadymy öý

Petroglify-daşyň ýüzine oýup ýasalan suratlar

Osteologiýa-süňkleriň düzümini öwrenmek

Sakralny-dapli

Resiprukasiýa-gaýtarmak

Uksorelokal-aýal tarapyndan öýlenenleriň nika öýi

Kelteminar medeniýeti-Garagalpagystanda Kelteminar kanalynyň ady

Resiprokal-iki taraplylyk

Awunkulokal-erkek hossarlaryň duralgasy

Diffuzionizm-ýaýratmak

Ewalýusiýa-tebigatdaky we jemgiýetdäki ösüş nazarýetiň biri

Monogenez-ýeke gelip çykyş

Monogamiýa-ýeke nikalyk

Monoteizm-ýeke hudaýlyk

Poligenez-köp taraply gelip çykyş

Poligamiýa-köp nikalylyk

Politeizm-köp hudaýlyk

Monosentrizm-ýeketäk merkezlik

Polisentrizm-köp merkezlik

Antropogenez-adamyň döreýşi barada ylym

Homosapies-häzirki keşpli adam

Endogamiýa-diňe öz tiresinden bolan adama durmuşa çykmak, öýlenmek adaty

Kasta-synp, topar

Klan-atalyk urug

Remidj-ululul boýunça boýun bolmak

Intensifikasiýa-güýçlendirmek

Nomady-çarwalar

Endoekspluatasiýa-jemgiýetiň içindäki bergidarlyk

Ekzoekspuatasiýa-jemgiýetiň arasyndaky bergidarlyk

Klassogenez-synplaň gelip çykysy

Politogenez-döwlet we hukugyň gelip çykyşy

Harizma-hudaý tarapyndan iberilen eşret

Trawestizm-oglan roluny ýerine ýetirýän aktrisa

Ortokyzennika-doganoglan gyz jigisi bilen nikalaşmak

Awunkulat- eje tarapdan daýysy

Egalitar-deň hukukly nika

Adat-däp

Ideografiýa-hat-ýazuw

Ieroglif-hat

Nagualizm-dürli ryhlara çokunmak

Torewtika-çyrpma

Geniologiýa-nesil daragty

Şaman-gözbagçy jadygöý

Etika-ahlak kadalary

Egzogamiýa-öz taýpasyndan, öz kowum garyndaşlaryndan öýlenmegi gadagan etmek

Ritual – dini hereketler

Animizim – hemme zatda ruh jan bar diýip hasap edilen ilkidurmuş adamlaryna mahsus bolan düşünje.

Magiýa – jadygöýlik

Totemizm – dini nukdaýnazardan sežde edilýän haýwan ýa-da ösümlik.

Fetişizm – keremata ynanmak

Defferensiuasiýa – bir bitewi zat bolmak

Diwergensiýa – tapmak

Konwergensiýa – meňzeşlik

Periferiýa – merkezden uzakda

Spesifika – aýratynlyk

Oýkumen – ýer şarynyň ynsan ýaşaýan ýeri

Paleolit – gadymy daş asyr

Mezolit – orta daş asyr

Neolit – täze daş asyry

Siwilizasiýa – jemgiýetçilik ykdysady farmasiýa tarapyndan gazanylan

jemgyýetçilik ösüşiň derejesi

Paleantrapologiýa – antrapologiýanyň adamy gazylyp alynan galyndularyny

öwrenýän bölume

Geologiýa – Ýer gabygynyň gurluşy hakyndaky ylym

Lingiwistika – dil hakynda ylym

Gominit – adam maşgalasy

Paropitek – maýmyndan öň

Driopitek – tokaý maýmynlary

Antropoit – adam sypatly

Megantrop – uly adam

Gigantrop – äpet adam

Lokomasiýa – iki aýakda ýöremek

Žinžantrop – gündogar Afrika adamlary

Awstropitek – günortaly maýmyn

Pitekantrop – maýmyn adam

Sinantrop – hytaýly adam

Paleantrop – gadymy adam

Neoantrop – häzirki sypatly adam

Mutasiýa – tebigatyň üýtgemegi

Antromorfnyý – adam sypatly

Promiskuitet – garylmak

Nekrofogiýa – olderi iýmek

Abstraksiýa – predmetiň bir häsiýetini ýa-da baglanşygyny onuň kanuny

alamatlaryny ýüze çykarmak maksady bilen pikirde aýrylmak

Aşel medeniýeti – Fransiýada ýeriň ady

Şell – Fransiýada şäher (irki paleolit)

Intoliýa – metala çekilen surat

Keltlar – merkezi we günbatar ýewropa irki halklary

Sanskrit – Hindistanda indoariýalaň keramat dili

Satrapiýa – Ahemenitler döwründe welaýatlaryň atlandyrlyşy



Primus (lat.) – birinji



Primatlaryň ewolýusiýasy: 1 – gadymy lemur; 2 – afrikan prokonsuly; 3 – awstralopitek; 4 – sinantrop; 5 – neandertal adamy; 6 – döwrebap şimpanze; 7 – döwrebap adam



Jyglym daşdan zähmet gurallaryň ýasalyşy



Satanidardan Şell obsidian daş paltalary





Sinantropyň (ýokarda) kellesüňkiniň ýawan pitekantropynyň (aşakda) kellesüňkiniň rekonstruksiýasy bilen deňeşdirilmesi



Sinantroplar. R. Karringtonyň rekonstruksiýasy



Demirgazyk Fransiýadan Şell we aşel gurallary



Krymdaky Kiik-Kobydan neandertalyň eliniň penjesi (rekonstruksiýa) we döwrebap adamyň eliniň penjesiniň rentgenogrammasy



Özbegistandaky Teşik-Taş gowagyndan neandertal oglany.
M.M. Gerasimowyň rekonstruksiýasy





Ýokarky pleýstosenda Ýewropanyň, Demirgazyk Aziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň tundrasynda we çöllerinde ýaşan mamontlar



Neandertallaryň gowak aýysyny awlaýyşy. Z. Buriananyň surat-rekonstruksiýasy.



Le Mustýe gowagynda neandertal ýetginjeginiň jaýlanyşy. Z. Buriananyň surat-rekonstruksiýasy.



Ostrawa-Petrowiçdäki (Sileziýa) ýokarypaleolitik jaý.
Rekonstruksiýa.



Awstraliki daş paltalary. Awstraliki bumeranglar



Awstraliýalylarda kollektiwleýin kenguruny awlaýyş



Awstralian aýaly kök hasyllylary gazyp otyr



Awstraliýalylarda burawlap deşip ot almak



Gabykdan ýagan lodkasy



Okly we ýaýly aldaman



Mamontyň gyýagyndan ýasalan aýal heýkeljigi. Kostenki



Madlen naýza zyňyjysyndaky keýigiň şekili. Mas d’Azil (Fransiýa)



Iki sany keýik. Fon de Gom (Fransiýa) gowagyndan madlen polihrom suratçylygy



Ýaý bilen ýaraglanan awçylaryň zynjyryna kowulyp salynýan keýikler. Los Kabalýos (Ispaniýa) gowagyndan gara boýag bilen boýalan ýokarypaleolitik diwar kagyzy



Buşmenleriň gaýa suratçylygy



Awstraliýalylarda totemik däpden parça



Demirgazyk Amerikanyň kölýaka indeýleriň ýabany tüwini ýygnaýyşy we gaýtadan işlemek



Skara Breýdäki (Orkneý adalary) neolit jaýyň içgi ýagdaýy.
Merkezinde açyk ojak we aşhana stoly.



Ýewropanyň irki ekerançylyk taýpalarynyň uly jaýlarynyň meýilnamalary (b.e. öňki IV – III müňýyllyklar): 1,2 – Niderlandlar; 3,5 – GDR; 4 – Çehoslowakiýa; 6 – Polşa



Papuas-doňuzdar



Demirgazyk Amerika indeýleriniň keýikleri kowup salyp awlaýan awy. XVII a. başynyň fransuz suraty.



B.e. öňki IV müňýyllygyň erkegiň we aýalyň palçykdan ýasalan neolitik şekiljikleri. Rumyniýa



Mis magdanyny almak üçin ullanylan gurallar. Ýewropanyň bürünç asyry.



Wolgograd oblastynyň Kalinowki obasynyň ýanyndaky bürünç asyrynyň gorgandaky demirçi-guýujy ussanyň jaýlanan ýerinden tapylan guýulýan görnüşler.



Tutuşlaýyn agyr tigir bilen gurşalan arabanyň palçykdan ýasalan görnüşi. B.e. öňki II müňýyllyk. Wengriýa




Gorgan çägesiniň aşagyndaky agaçdan ýasalan jaýlanýan kamera. Unetis medeniýetiniň baý jaýlamasy (b.e. öňki I müňýyllygyň ortasy)



Melaneziýadaky erkek öýi



Demirgazyk-Günbatar indeýleriniň mis plastinasy



Kelermess gorganyndan skifiň altyn blýahasynyň üstündäki panteranyň şekili



Indeýleriň ýenjilmesi. XVI asyryň haşamy

## Ulanylan edebiýatlar


1. Энгельс Ф. Происхождение семьи, частной собственности и государства // Маркс К. Энгельс Ф. соч. 2 изд. т. 21.
2. История первобытного общества. Эпоха первобытной родовой общины. М. 1986.
3. Кабо В.Р. Первобытная доземледельческая община. М. 1986.
4. Першиц А.И., Монгайт А.Л., Алексеев В. История первобытного общества. М. 1982.
5. Марков Г.Е. История хозяйства и материальной культуры. М. 1979.
6. Поршнев Б.Ф. О начале человеческой истории. М. 1974.
7. Стоновление классов и государства. М. 1976.
8. Энгельс Ф. Диалектика природы – К. Маркс и Ф. Энгельс соч. т. 20.
9. Косвен М. Морган Л.Г. Жизнь и учение. Л. 1933.
10. Новое в этнографии. М. 1989.
11. Вдовин И.С. Очерки этнической истории коряков. Л. 1973.
12. Бабаков О.Б. Антропологический состав туркменского народа в связи с проблемой этногенеза. Ашхабад 1977.
13. Чеснов Я.В. Представления о человеческом теле в традиционной Абхазской культуре // В кн. Новое в этнографии. М. 1989. с. 103-109.
14. Боннор А. Греческая цивилизация. М. 1958. т. 1.
15. Народы Передней Азии. М. 1957.
16. Минорский А.И. Древние наскальные рисунки Горного Алтая. Л. 1951.
17. Викторова Л.Л. Монголы. Происхождение народа и истоки культуры. М. 1980.

18. Семья и семейные обряды у народов Средней Азии и Казахстана. М. 1978.
19. Esenow A. Türkmenistanyň binagärçilik taryhy. Aşgabat 2001.
20. В глубь веков. М. 1961.
21. Серебрякова М.Н. К вопросу об истоках и эволюции традиционного мировоззрения турок // В кн. Традиционное мировоззрение у народов Передней Азии. М. 1992.
22. Еремеев Д.Е. Этногенез турок. М. 1971.
23. Вопросы археологии, истории и этнографии. А. 1975.
24. Блок Р. Этруски: Предсказатели будущего М. 2004.
25. Апродов В.А. Тысячилетия Восточного Магриба. М. 1976.
26. Шилов Ю.А. Прородина ариев: история, обряды и мифы. К. 1995.
27. Никонов И.Е. Учебное пособие по курсу «Археология, палеолит и мезолит». М. 1980.
28. Мочанов Ю.А. Древнейший палеолит Дигинга и проблема внетропической прородины человечества. М. 1992.
29. Клейн Л.С. Принципы археологии. СПб. 2001.
30. Анисимов А.Ф. Исторические особенности первобытного мышления. Л. 1971.
31. Амальрик А. В поисках исчезнувших цивилизаций. Очерки археологии. М. 1959.
32. Авдусин Д. Основы археологии. М. 1976.
33. Торговля и обмен в древности. М. 1974.
34. Тимощук Б.А. Восточнославянская община VI – X вв. М. 1990.
35. Каменный век: памятники, методика, проблемы. (сб. н. тр.) К. 1989.

36. Артамонов М. Каммерийцы и скифы Л. 1974.
37. Губаев А. Археология Туркменистана. А. 1989.
38. Виноградов А.В. Древние охотники и рыболовы Среднеазиатского междуречья. М. 1981.
39. Археология Средней Азии и Ближнего Востока. Самарканд, 1983.
40. Алекшин В.А. Социальная структура и погребольный обряд древнеземледельческих обществ. Л. 1986.
41. Алексеев В.П. Историческая антропология Средней Азии. М. 1990.

MAZMUNY

**Giriş.................................................................................7**

1. Ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhy..................................8
2. Adamzadyň gelip çykyşy we ilkidurmuş jemgyýetiniň döremegi...........................................................................20
3. Ilkidurmuş jemgyýetiniň ösüşi...................................25
4. Giçki urug jemgyýetinde ekerançylyk we maldarçylyk ýagdaýy..............................................................................37
5. Ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy..........................46
6. Hususy eýeçiliň, synplaryň we döwletiň döremegi.....49
7. Nomadizm taryhy.......................................................55
8. Ilkidurmuş jemgyýeti we häzirki zaman dünýä medeniýeti (siwilizasiýasy)............................................62
Goşmaça maglumatlar....................................................68

Ulanylan edebiýatlar...................................................114